№ 1
2026

YLMY-TEHNIKI ŽURNAL
***
НАУЧНО-ТЕХНИЧЕСКИЙ ЖУРНАЛ
***
SCIENTIFIC AND TECHNICAL MAGAZINE

# TÜRKMENISTANYŇ SENAGATY

Esaslandyryjysy – Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrligi




**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**

***— Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmäge gönükdirilen maksatnamalaýyn işler amala aşyrylýar.***

***— Biziň halkymyz daşky gurşawa, tebigata örän aýawly çemeleşip, ony hemişe gorap gelýär. Bu ynsanperwer işleri has-da ilerletmekde, eziz Diýarymyzy bagy-bossanlyga öwürmekde kabul eden maksatnamalarymyz üstünlikli amala aşyrylýar.***

***— Berkarar Watanymyzda her ýyl ählihalk bag ekmek dabaralarynyň geçirilmegi ýurdumyzyň bagy-bossanlyga öwrülmegine uly goşant goşýar we halkymyzyň özbolușly tebigatymyza buýsanjyny artdyrýar.***

# GARAŞSYZ, HEMIŞELIK BITARAP TÜRKMENISTANYŇ HALKYNA

***Eziz watandaşlar!***
***Hormatly adamlar!***

Sizi berkarar döwletimizde giňden bellenilýän Milli bahar baýramy — Halkara Nowruz güni mynasybetli tüýs ýürekden gutlaýaryn. «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda dabarasy uludan tutulýan bu baýramda ýerine ýetiriljek joşgunly aýdym-sazlaryň, edebi-çeper çykyşlaryň, däp-dessur çäreleriniň, şekillendiriş we amaly-haşam sungaty eserleriniň, milli gymmatlyklaryň sergileriniň şöhratly ata-babalarymyzdan şu günlere gelip ýeten medeni mirasymyzyň gazananlaryny giňden wagyz etmekde uly ähmiýetiniň boljakdygyna berk ynanýaryn.

Şu ýyl ýurdumyzda mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 35 ýyllyk baýramy giňden bellenilýär. Garaşsyzlyk ýyllarynda berkarar Watanymyz syýasy, ykdysady, medeni-durmuş taýdan berkedi, halkymyzyň ýaşaýyş derejesi ýokarlandy. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz tarapyndan başy başlanan beýik özgertmeler Garaşsyz, baky Bitarap döwletimiziň halkara bileleşikdäki at-abraýyny ýokary derejä çykardy.

***Eziz watandaşlar!***

Magtymguly Pyragy, Mahmyt Kaşgarly, Mahmyt Gaýyby, Baýram han ýaly söz ussatlarynyň eserlerinde-de Nowruz däpleri giňden beýan edilýär. Akyldar şahyrlarymyz öz eserlerinde Nowruzyň halklaryň arasynda dost-doganlygy pugtalandyrýandygyny, ynsan kalbynda ýagşy gylyk-häsiýetleri terbiýeleýändigini, Watana, tebigata, durmuşa söýgini artdyrýandygyny nygtapdyrlar. Hut şonuň üçin-de häzirki döwürde bu gadymy baýramyň däp-dessurlary umumadamzat gymmatlygyna, parahatçylygy we agzybirligi ündeýän ýörelgä öwrüldi.

Nowruz baýramynyň däp-dessurlary ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawynda mynasyp orun aldy. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň degişli Kararnamasy esasynda her ýylyň 21-nji marty «Halkara Nowruz güni» diýlip yglan edildi. Gündogar halklarynyň ýaşaýyş-durmuş ýörelgelerinde aýratyn orny eýeleýän Nowruz agzybirligiň, parahatçylygyň we dost-doganlygyň baýramydyr. Nowruz baýramynda berjaý edilýän däp-dessur çärelerinde hoşniýetlilik, ynsanperwerlik ýörelgeleri jemlenendir.

***Hormatly adamlar!***

Merdana ata-babalarymyz ýylyň rysgal-berekedini Nowruzyň düşümli gadamy — ýagyş-ýagmyryň topraga bol ýagmagy bilen baglanyşdyrypdyrlar. Alabaharda ýagýan nur-ýagyşlar sahawatly sähramyzy, gözel ýaýlalarymyzy, keremli daglarymyzy bahar paslynyň gaýtalanmajak gözelligine besleýär. Topragymyzyň berekedi artyp, al-elwan gül-gülälekler, bagy-bossanlyklar türkmen tebigatynyň görküne görk goşýar. Bahary saba-säherinde göwünleri ganatlanan daýhanlar ekin meýdanlarynda täze hasylyň düýbüni tutmak, bereketli toprakdan bol hasyl almak ugrunda yhlasly zähmet çekýärler. Türkmeniň gadymy bagbançylyk, ekerançylyk däpleri dowam etdirilip, zähmetsöýer daýhanlarymyz Nowruz ýagmyryndan nurlanan topragy taba getirýärler.

Bu gün bedew batly Bitarap döwletimizde Milli bahar baýramynda — Halkara Nowruz gününde bagşy-sazandalarymyzyň ýerine ýetirýän aýdym-sazlary, döredijilik toparlarynyň folklor-tans çykyşlary, şahyrlarymyzyň okaýan goşgulary Nowruz nagmalary bolup, bagtyýar halkymyzy täze sepgitlere ruhlandyrýar.

***Eziz watandaşlar!***
***Hormatly adamlar!***

Sizi Milli bahar baýramy — Halkara Nowruz güni bilen ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlaýaryn. Size berk jan saglyk, parahat we bagtyýar durmuş arzuw edýärin. Goý, Nowruzyň kalby joşdurýan owazlary agzybirligiň, dost-doganlygyň waspy bolup, hemişe ýaňlanyp dursun!

***Türkmenistanyň Prezidenti***
***Serdar BERDIMUHAMEDOW.***

# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI HORMATLY SERDAR BERDIMUHAMEDOWA

***Çuňňur hormatlanylýan Türkmenistanyň Prezidenti!***

Sizi Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzda açyklyk, giň bäsdeşlik esasynda geçirilen Prezident saýlawlarynda ynamly ýeňiş gazanyp, Türkmenistanyň Prezidenti wezipesine girişen günüňiz mynasybetli türkmen halkynyň hem-de Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň adyndan tüýs ýürekden gutlaýaryn. Siziň janyňyz sag, ömrüňiz uzak bolsun, Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyzyň abraý-mertebesini has-da belende götermek ugrunda alyp barýan döwletli işleriňiz hemişe rowaçlyklara beslensin!

***Hormatly Prezidentimiz!***

Siziň başlangyjyňyz bilen mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 35 ýyllyk şanly senesi bellenilýän 2026-njy ýylyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly diýlip yglan edilmegi türkmen halkynyň taryhy köklerine ygrarlydygyny, döwletli ýörelgeleriň dowamat-dowamdygyny alamatlandyryp, täze eýýamyň aýdyň hakykatyny şöhlelendirýär. Bu bolsa ýurdumyzda maksatnamalaýyn işleriň üstünlikli durmuşa geçirilýändigini, ähli ugurlarda bedew batly ösüşleriň gazanylýandygyny görkezýär.

Siziň baştutanlygyňyzda täze taryhy döwürde Diýarymyzyň çar künjeginde döwrebap şäherler, şäherçeler, obalar döreýär, häzirki zamanyň ösen talaplaryna laýyk gelýän ýaşaýyş jaýlary, çagalar baglary, mekdepler, saglygy goraýyş merkezleri, iri senagat kärhanalary gurulýar. Watanymyzyň ykdysady kuwwatynyň nyşany bolan taryhy ähmiýetli işler paýtagtymyzyň we welaýatlaryň barha özgermegine oňyn täsir etmek bilen, raýatlaryň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da ýokarlandyrýar.

***Sarpasy belent Prezidentimiz!***

Sebitde deňi-taýy bolmadyk, kanun esasynda döwlet ähmiýetli şäher diýen aýratyn hukuk derejesine eýe bolan Arkadag şäheriniň gurulmagy Diýarymyzda durmuşa geçirilýän durmuş ugurly özgertmeleriň aýdyň netijesidir. Türkmenistanyň ak mermerli paýtagty Aşgabat hem sebitde we dünýäde oňaýly ýaşaýyşy, durmuşyň ýokary derejelerini, adamlaryň öndürijilikli zähmetini, göwnejaý dynç alşyny üpjün edýän şäherleriň hataryna goşuldy.

Siziň baştutanlygyňyzda ýurdumyz öňüni alyş diplomatiýasynyň, parlament, ykdysady, energetika, ulag, ylym-bilim, ynsanperwer, medeni, lukmançylyk, ekologiýa, suw we sport diplomatiýasynyň mümkinçiliklerinden netijeli peýdalanmak bilen bagly başlangyçlary öňe sürýär. Bitarap Türkmenistan Ýer ýüzünde parahatçylygy we howpsuzlygy pugtalandyrmaga, özara düşünişmegi, dostluk, ynanyşmak ýörelgelerine esaslanýan gatnaşyklary berkitmäge, Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmäge möhüm goşant goşýar. Siziň belleýşiňiz ýaly, halkymyzyň agzybirligi we jebisligi, Watanymyzyň şu güni hem-de geljegi üçin jogapkärçiligi, bilelikdäki tutanýerli işler täze ajaýyp üstünliklerimiz, zähmet ýeňişlerimiz üçin ygtybarly esas bolup hyzmat edýär.

***Belent mertebeli Prezidentimiz!***

Siziň başda durmagyňyzda eziz Watanymyz parahatçylyk we döredijilik ýoly bilen ynamly öňe barýar. 2022-nji ýylyň martynda aýanlyk, açyklyk ýagdaýynda, giň bäsdeşlik esasynda geçirilen Prezident saýlawlary türkmenistanlylaryň döwletimiziň ykbaly üçin ýokary jogapkärçiligine düşünýändigini, jemgyýetimizde gadymdan gelýän demokratik ýörelgeleriň dabaralanýandygyny bütin aýdyňlygy bilen görkezdi. Bu möhüm waka Garaşsyz Türkmenistanyň häzirki zaman taryhynyň ýyl ýazgysyna ägirt uly üstünliklere beslenen täze tapgyryň başlangyjy hökmünde ýazyldy. Bu günki gün Türkmenistan saýlap alan oňyn döwlet syýasatyna üýtgewsiz eýermek bilen, durmuşyň ähli ugurlarynda ajaýyp üstünlikleri gazanýar. Siziň nygtaýşyňyz ýaly, biziň gazanýan ähli üstünliklerimiz «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen syýasatymyzyň netijesidir. Siziň ýadawsyz, yhlasly we tutanýerli iş alyp barmakda görkezýän nusgalyk göreldäňizden ruhlanýan watandaşlarymyz agzybirlikde, jebislikde döredijilikli zähmet çekýärler, amala aşyrylýan düýpli özgertmelere gönüden-göni dahyllydyklaryny duýup, ýurdumyzyň gülläp ösmegine mynasyp goşant goşýarlar.

***Hormatly Prezidentimiz!***

Sizi Türkmenistanyň Prezidentiniň wezipesine girişen günüňiz mynasybetli ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlaýaryn. Siziň janyňyzyň sag, mertebäňiziň belent bolmagyny, Garaşsyz, baky Bitarap Watanymyzyň gülläp ösmegi, şan-şöhratynyň arşa göterilmegi, halkymyzyň eşretli durmuşda ýaşamagy ugrunda alyp barýan döwletli tutumlaryňyzyň has-da rowaçlanmagyny arzuw edýärin.

Sizi hormatlamak bilen,

***Türkmen halkynyň Milli Lideri,***
***Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy,***
***Gahryman Arkadag Gurbanguly BERDIMUHAMEDOW.***



# ÝYLYŇ ŞYGARY – DÖWRÜŇ ÇYRAGY



*Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe her bir ýylymyzyň üstünliklere beslenýändigi buýsançlydyr. Şu ajaýyp ýyllarda täze üstünlikleri, beýik ösüşleri bilen halkymyzy begendirýän, buýsandyrýan döwrümizde gadamlar has batly we öňe bolup, belent üstünliklere barýarys. Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimiziň abraý-mertebesini äleme buşlan Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly öz gezegini 2026-njy ýyla berip, gojaman taryhyň goýnunda mynasyp orun aldy. Täze ýyl Gündogar müçenamasy boýunça ýylky, ýagny bedew ýyly.*







Şu mynasybetli hem-de ahalteke bedewleriniň türkmen halkynyň köpasyrlyk taryhynda aýratyn orna eýedigini, berkarar Watanymyzyň bedew batly ösüşlerini, ahalteke bedewleriniň şan-şöhratyny mundan buýana-da dünýä ýaýmak, ýaş nesli milli gymmatlyklarymyza sarpa goýmak ruhunda terbiýelemek maksady bilen, 2026-njy ýylymyz «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly diýlip yglan edildi. Ahalteke bedewi ýurdumyzyň okgunly ösüşleriniň nyşany. Ata Watanymyzyň dünýä ýaň salýan beýik ýeňişleriniň, syýasy, ykdysady, medeni ugurlardaky şanly ösüşleriniň türkmen bedewleriniň tizligi bilen deňeşdirilmegi halkymyzyň milli mirasyna, seýisçilik sungatyna goýulýan belent sarpanyň ýüze çykmasydyr.

Aslynda, täze ýyllaryň her biriniň şygarynyň şol ýylyň özüne mahsus çuňňur mazmuny bilen sazlaşmagy, ýurdumyzda alnyp barylýan beýik özgertmeleriň, tutumlaryň, ileri tutulýan ugurlaryň maksatnamasy bilen utgaşmagy Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň alyp barýan döwlet syýasatynyň özenini düzýär.

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda geçen 2025-nji ýyl halkara ähmiýetli taryhy wakalary, ösüş-özgertmeli sepgitleri bilen Türkmenistany ösüşleriň täze belentliklerine ýetirdi. Bu ýylda ýurdumyzyň içeri we daşary syýasatynda ýetilen sepgitler, gazanylan üstünlikler Garaşsyz, hemişelik Bitarap ýurdumyzyň dünýä bileleşigindäki abraýyny has-da pugtalandyrdy. Döwlet Baştutanymyzyň öňdengörüjilikli tagallalary netijesinde bu gün ýurdumyz sebitde we bütin dünýäde parahatçylygy we ynanyşmagy goldaýan, pugtalandyrýan, parahatçylykly hyzmatdaşlygyň çygyrlaryny giňeldýän hem-de Beýik Ýüpek ýoluny gaýtadan dikeldýän döwlet hökmünde ykrar edildi.

«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly ähli halkymyzy täze üstünliklere ruhlandyrýar. Eziz Diýarymyzda gazanylýan belent sepgitler, durmuşa geçirilýän beýik işler halkymyzyň bähbitlerini nazarlaýar. Şeýle beýik ösüşler belent maksatlardan, ylmy esasda ýola goýlan işlerden gözbaş alýar. Bedew batly ösüşlere beslenjek 2026-njy ýylyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» diýlip atlandyrylmagy beýik ösüşler bilen bir hatarda milli gymmatlyklarymyza hem belent sarpadyr. Çünki Ahalteke bedewleri türkmeniň uçar ganatydyr, toýlarynyň bezegidir. Hut şu nukdaýnazardan, bu gymmatlyklary wasp etmek, dünýä ýaýmak asylly ýörelgämizdir.

Behişdi bedewler asyrlaryň dowamynda halkymyzyň rowaçlygynyň, ýeňişleriniň ýarany boldular. Gahryman Arkadagymyzyň ajaýyp eserlerinde türkmen bedewiniň waspyny görýäris. Gahryman Arkadagymyzyň «Ahalteke bedewi — biziň buýsanjymyz we şöhratymyz», «Gadamy batly bedew», «Atda wepa-da bar, sapa-da» atly kitaplary biziň her birimiz üçin gymmatly hazynadyr. Bu ajaýyp eserler ýelden ýyndam, gamyşgulak ahalteke bedewlerimiz hakynda gymmatly maglumatlary özünde jemleýär.

Täze ýylyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» atly çuňňur mazmunly şygary ýurdumyzyň Garaşsyzlygyny, hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesini, okgunly ösüşlerini, tutuş adamzadyň gymmatlygy hasaplanýan ahalteke bedewlerimiz baradaky taglymaty bir ýere jemleýär. 2026-njy ýyl halkymyz üçin aýratyn ähmiýete eýedir. Bu ýylda Türkmenistan mukaddes Garaşsyzlygynyň 35 ýyllygyny baýram eder. Türkmenistanyň Garaşsyzlyk baýramy döwletliligiň, uly joşgunyň, beýik buýsanjyň, synmaz ynamyň, agzybirligiň, bagtyýarlygyň baýramydyr. 2026-njy ýyl Milli Liderimiziň beýik başlangyçlary esasynda hormatly Prezidentimiziň başda durmagynda ýurdumyzyň okgunly ösüşleriniň, ahalteke bedewleriniň, berkarar Watanymyzyň şöhrat-şanynyň mundan buýana-da dünýä dolýan ýyly bolar. Çünki, paýhasly pederlerimiz «At — myrat» diýipdirler.

Bedew batly ösüşler bilen ýurdumyzy täze üstünliklere besleýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun!

***Toýlymämmet ANNAMUHAMMEDOW,***
***S. A. Nyýazow adyndaky***
***Türkmen oba hojalyk***
***uniwersitetiniň uly mugallymy.***



**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**
**— Türkmen halky öz arzuwlaryny, belent maksatlaryny ahalteke bedewleri bilen baglanyşdyrýar. Ahalteke bedewi biziň buýsanjymyzdyr, şöhratymyzdyr.**

# TÜRKMEN BEDEWINIŇ MILLI BAÝRAMY DABARALARA BESLENER

***Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe göreni bendi edýän ahalteke bedewlerine aýratyn gadyr goýýan türkmen halkynyň Milli Lideriniň başyny başlan işlerini Arkadagly Gahryman Serdarymyz üstünlikli durmuşa geçirýär. Şunuň netijesinde ýurdumyzda atçylyk sporuny ösdürmek, arassa ganly ahalteke bedewleriniň baş sanyny artdyrmak, olaryň dünýädäki şöhratyny has-da belende götermek bilen baglanyşykly meseleler döwletimiziň hemişelik üns merkezinde saklanýar.***

«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň şanly wakalarynyň birine öwrüljek Türkmen bedewiniň milli baýramyna hem şu günlerden taýýarlyk görülýär. Şunuň bilen baglylykda 17-nji ýanwarda Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Köpetdagyň etegindäki gözel künjekleriň birinde ýerleşýän Türkmenistanyň Prezidentiniň Ahalteke atçylyk toplumynda bolup, şu ýerde Türkmen bedewiniň milli baýramyna görülýän taýýarlyk işleri bilen tanyşdy.

Bu ýerde Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň gurluşyk-senagat toplumyna gözegçilik edýän orunbasary, Türkmenistanyň Prezidentiniň Diwanynyň iş dolandyryjysy, Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň wise-prezidenti, Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň rektory we toplumyň döwrebaplaşdyryş işlerini ýerine ýetirýän Türkiýäniň «Gap Inşaat» kompaniýasynyň wekili öňde goýlan wezipeleriň ýerine ýetirilmeginiň barşy barada giňişleýin maglumat berdiler.

Türkmenistanyň at gazanan arhitektory Gurbanguly Berdimuhamedowyň garamagyna toplumy döwrebaplaşdyrmak boýunça alnyp barylýan işler hakynda maglumat berýän şekil taslamalary, binalaryň ýerleşjek ýerleriniň çyzgylary görkezildi. Bellenilişi ýaly, häzirki döwürde hormatly Prezidentimiziň tabşyrygy esasynda toplumyň binalaryny döwrebaplaşdyrmak, onuň tutuş çägini abadanlaşdyrmak işleri tassyklanan meýilnama laýyklykda, güýçli depginde dowam edýär. Hususan-da, Ahalteke atçylyk toplumyna barýan ýoly döwrebaplaşdyrmak, onuň ugrunda ýol belgilerini, degişli şekilleri ýerleşdirmek işleri, yşyklandyryş ulgamynyň aýratynlyklary we ýol gurluşygynyň häzirki zaman usullary barada maglumat berildi.

Gahryman Arkadagymyz görkezilen şekil taslamalaryny synlap, olara belliklerini aýtdy we degişli düzedişleri girizdi. «Ýol gurluşygynda ösen tejribeleriň ulanylmagyna, ýoluň gönüligine, tekizligine aýratyn ähmiýet berilmelidir. Şol bir wagtyň özünde ýoluň yşyklandyryş ulgamynyň döredilmeginde döwrebap usullar ulanylmalydyr. Ýol ýakalarynda oturdylýan agaç nahallary bu künjegiň ekologiýa derejesiniň has-da gowulanmagyna oňyn täsirini ýetirmelidir»

diýip, Milli Liderimiz belledi we bu babatda degişli ýolbaşçylara maslahatlaryny berdi.

Soňra toplumyň binalaryny döwrebaplaşdyrmak we onuň çäklerini abadanlaşdyrmak işleri ynanylan kompaniýanyň wekili hormatly Prezidentimiziň tabşyrygyna laýyklykda alnyp barylýan işleriň ýagdaýy we toplumyň çäklerinde ýerleşdirilmegi meýilleşdirilýän at heýkelleriniň görnüşleri barada maglumat berdi. Gahryman Arkadagymyz bedew heýkelleri we toplumyň binalarynyň bezeginde ulanyljak serişdeler bilen tanşyp, olara birnäçe belliklerini aýtdy. Şunda milli binagärlik ýörelgeleri bilen häzirki zamanyň ösen tejribesiniň utgaşdyrylmalydygyny, behişdi bedewlere bolan ählihalk söýgüsiniň öz beýanyny tapmalydygyny belledi.

Milli Liderimiz Türkmen bedewiniň milli baýramyna görülýän taýýarlygyň çäklerinde şanly senäniň meýilnamasynyň taýýarlanylmalydygyny we ony hormatly Prezidentimiziň garamagyna hödürläp, döwlet Baştutanymyz meýilnamany tassyklandan soň, toý-dabaralary şu ýylyň şygaryna laýyklykda ýokary derejede geçirmek meselelerine toplumlaýyn esasda çemeleşilmelidigini aýtdy.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy toý-baýramlaryň bezegine öwrülen bedewleriň halkymyzyň durmuşynda möhüm orun eýeleýändigini aýdyp, merdana pederlerimiziň, hünärine yhlas edýän seýisleriň tagallasy bilen dünýäde deňi-taýy bolmadyk ahalteke bedewleriniň ösdürilip ýetişdirilýändigini belledi. «Döwrebap atçylyk toplumlaryny netijeli ulanmak möhüm wezipedir. Bu bolsa türkmen halkynyň dünýä beren milli gymmatlygyna belent sarpa goýulýandygyny, halkymyzyň bilelikdäki tagallalary bilen ägirt uly işleriň amala aşyrylýandygyny görkezýär. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiziň «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen paýhasly jümlesinde çuňňur many bar. Munuň özi halk bilen döwletiň bitewüliginiň aýdyň nyşanydyr» diýip, Gahryman Arkadagymyz nygtady.

Ýeri gelende bellesek, şu ýylyň 4-nji fewralynda türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedow Arkadag şäherindäki Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynda we Görogly adyndaky döwlet atçylyk sirkinde bolup, «At — myrat» okuw merkeziniň çagalary, «Galkynyş»

***«Bedew batly, belent maksatly Watan»***
***atly döredijilik bäsleşigine***

milli at üstündäki oýunlar toparynyň agzalary bilen duşuşdy. Gahryman Arkadagymyz çagalaryň we ýaşlaryň öňünde «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň başynda türkmen bedewleriniň şöhratynyň belende galýandygyny, milli sirk sungatynyň dünýä derejesine çykýandygyny alamatlandyrýan waka mynasybetli çuň mazmunly çykyş etdi.

Milli Liderimiz bu ýerde bilim, tälim alýan çagalarda bedewlere söýgini artdyrmak maksady bilen, okuw merkezine Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň adyndan 1 million 500 müň manat möçberinde pul sowgadyny gowşurdy.

Soňra Gahryman Arkadagymyz Görogly adyndaky döwlet atçylyk sirkine bardy. Milli Liderimiz «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň agzalaryny Monte-Karlo şäherinde geçirilen halkara sirk festiwalynda sirk sungatyna goşan uly goşandy üçin halkara şahadatnamalaryň gowşurylmagy bilen tüýs ýürekden gutlady. Duşuşykda Gahryman Arkadagymyz: «Türkmen milli atçylyk sungatynyň at-abraýyny belende galdyrmakda alyp barýan işleriňiz üçin hormatly Prezidentimiz sizi gutlap, öz minnetdarlygyny bildirdi. Döwlet Baştutanymyz toparyň maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmek maksady bilen, sizi 3 million manat bilen sylaglamak barada karara geldi. Şa serpaýyňyz gutly bolsun! Nesip etsin!» diýip, toparyň ýolbaçysyna onuň agzalarynyň mynasyp bolan sylagyny hem-de toparyň agzalarynyň her birine nepislik bilen ýasalan at eýerlerini gowşurdy.

Hawa, halkymyz at-myratly, bedew batly ýylymyzda behişdi bedewlerimiziň baýramyny uludan toýlar. Çünki Gahryman Arkadagymyzyň belleýşi ýaly, dünýä bedewleriniň naýbaşysy hasaplanýan ahalteke bedewlerimiz halkymyzyň genji-hazynasydyr, göz guwanjydyr, köňül buýsanjydyr we milli mirasydyr.

***Begenç MEŇLIÝEW,***
***Türmenistanyň Senagat we gulluşyk önümçiligi ministrliginiň ýolbaşçysynyň kätibi.***

# HUSUSY PUDAGYŇ TÄZE SEPGITLERI






**Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň hem-de Gahryman Arkadagymyzyň tagallalary bilen ýurdumyzyň ykdysady ösüşiniň binýady barha berkeýär, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertleri yzygiderli ýokarlanýar. Öňde goýlan belent maksatlara ýetmegiň ýolunda hususy pudak milli ykdysadyýetimiziň kuwwatly hereketlendirijisi we innowasiýalaryň çeşmesi hökmünde çykyş edýär. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň täzeçil ykdysady syýasaty netijesinde ýurdumyzyň telekeçileri diňe bir içerki bazaryň durnuklylygyny üpjün etmän, eýsem dünýä bazarlarynda-da ornuny pugtalandyrýar.**

Ýurdumyzda hususyýetçiligi hemmetaraplaýyn ösdürmek, döwrebap bazar usullaryny giňden ornaşdyrmagyň hasabyna pudagyň ykdysadyýetimizde eýeleýän ornuny giňeltmek Gahryman Arkadagymyz tarapyndan başy başlanyp, hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýän durmuş-ykdysady syýasatyň esasy ugurlarynyň biridir. Kabul edilen döwlet maksatnamalaryna laýyklykda, Türkmenistany senagatlaşdyrmakda, iri taslamalary amala aşyrmakda, dünýä bazarynda bäsdeşlige ukyply önümleri öndürmekde telekeçilige aýratyn orun degişlidir. Telekeçiligiň ösüşleri döwletimiziň bu ugurda alyp barýan oýlanyşykly syýasatynyň, yzygiderli we maksatnamalaýyn goldawynyň, has takygy, telekeçilik üçin döreden amatly hukuk we maliýe gurşawynyň aýdyň netijesidir. Soňky ýyllarda hususy pudagyň jemi içerki önümiň düzümindäki paýy yzygiderli artýar. «Türkmenistany 2026-njy ýylda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň we maýa goýum Maksatnamasynda» jemi içerki önümiň

düzüminde hususy pudagyň paýyny 72,9 göterime ýetirmek wezipesiniň kesgitlenilmegi täze belentliklere ugur alýandygyny tassyklaýar.

Türkmenistan häzirki döwürde ýokary hilli önümleri öndürmek, bäsdeşlige ukyply hyzmatlary hödürlemek babatda ägirt uly mümkinçiliklere eýe bolan ýurt hökmünde tanalýar. «Türkmenistanda öndürildi» diýen haryt nyşany dünýäniň söwda giňişliginde ýurdumyzyň abraýyny artdyrýan möhüm guraldyr. Bu nyşan diňe bir harydyň gelip çykan ýerini görkezmek bilen çäklenmän, eýsem hiliň, milli önüm öndürijileriň ygtybarlylygynyň hakyky görkezijisine hem öwrüldi. Bu başlangyjyň öz wagtynda oýlanyşykly öňe sürlendigi ýetilen strategik sepgitler arkaly subut edildi. Şol üstünlikler Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzalarynyň öndürýän önümlerine-de degişlidir.

Hormatly Prezidentimiziň şu ýylyň 17—19-njy martynda Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasynyň binasynda Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň döredilmeginiň 18 ýyllygy mynasybetli geçirilen sergä hem-de «Türkmenistanyň geljegine maýa goýumlar» atly halkara foruma gatnaşyjylara iberen Gutlagynda ýurdumyzyň hususy pudagyny ösdürmegiň milli ykdysadyýetimiziň ileri tutulýan ugurlarynyň biridigini, Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzalarynyň Garaşsyzlykdan gözbaş alyp gaýdýan ýolunyň uly ösüşlere beslenýändigini nygtaýar. «Häzirki wagtda döwletiň ylmy-tehnologik özgertmeler syýasatyny amala aşyrmakda, sanly ykdysadyýetiň giň mümkinçiliklerinden peýdalanmakda, senagatyň, oba hojalygynyň, hyzmatlar ulgamynyň häzirki zamanyň talaplaryna laýyklykda ösdürilmeginde türkmen telekeçileri uly işleri alyp barýarlar. Täze ykdysady ugruň hereketlendiriji güýjüne öwrülen hususyýetçiler möhüm ähmiýetli taslamalary durmuşa geçirip, milli ykdysadyýetimiziň ösdürilmegine, halkymyzyň maddy hal-ýagdaýynyň ýokarlandyrylmagyna saldamly goşant goşýarlar. Hususy ulgamda daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan, bäsdeşlige ukyply, eksport ugurly önümleri öndürmäge niýetlenen döwrebap önümçilikler işe girizilýär. Bu kärhanalarda täze iş orunlary döredilýär, ýurdumyzda azyk we haryt bolçulygy pugtalandyrylýar. «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda hususyýetçilerimiz agzybirlikde döwletlilik ýolumyzdan ynamly öňe barýarlar. Işewürlik gurşawyny döwrebaplaşdyrmak, kiçi, orta we iri telekeçiligiň gerimini giňeltmek boýunça amala aşyrylýan işleriň esasynda ykdysadyýetde hususy bölegiň paýy yzygiderli ýokarlanýar» diýip, Arkadagly Gahryman Serdarymyz Gutlagynda belleýär.

Häzirki döwürde ýurdumyzda telekeçiligi goldamak işi birnäçe ugurda üstünlikli amala aşyrylýar. Türkmenistanda kiçi we orta telekeçiligi goldamak üçin ýeňillikli karzlaşdyryş ulgamynyň ýola goýulmagy soňky ýyllarda täze önümçilik düzümleriniň we müňlerçe iş orunlarynyň döremegine itergi berdi.

Döredilýän şertleriň netijesinde, milli işewürlik obasenagat toplumynda ýa-da hyzmatlar ulgamynda we ilatyň gündelik sarp edýän harytlarynyň önümçiliginde ilerlemek bilen birlikde, çylşyrymly tehnologik çözgütleri amala aşyrmaga hem ukyplydygyny subut edýär. Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň «Nebitmaş» döwlet kärhanasy bilen telekeçi H. Abdyrahmanowyň arasynda bilelikde döredilen «Aýdyň gijeler» hojalyk jemgyýetiniň işi muňa aýdyň mysaldyr. Bu hojalyk jemgyýet tarapyndan telewizorlar, kompýuterler, ýşyklandyryş ulgamlary, plastiki kartlar we beýleki elektron tehnikalary öndürilýär. Munuň özi hormatly Prezidentimiziň döwlet we jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ulgamlaryny sanlylaşdyrmak boýunça öňde goýan wezipeleriniň üstünlikli amala aşyrylýandygyny aňladýar.

Gahryman Arkadagymyzyň goldawy esasynda döredilip, hormatly Prezidentimiziň ykdysady strategiýasynda möhüm orun eýeleýän hususy pudagyň berkarar döwletimiziň ösüşlerine we halkymyzyň abadan ýaşaýşyna gönükdirilen tagallalary Watanymyzyň röwşen geljege uzaýan ýolundaky özgertmeleriň bedew badyny berkitmäge goşant goşýar.

***Bäşim BÄŞIMOW,***
***«Türkmenistanyň senagaty»***
***žurnalynyň redaktory.***



# GELJEKKI BINAGÄRLERIŇ DÖWREBAP BILIM DESGALARY GURULÝAR

«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň 13-nji fewralynda geçirilen Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde «Türkmenistany 2026-njy ýylda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň we maýa goýum Maksatnamasyna» laýyklykda, şu ýyl üçin meýilleşdirilen işler, şol sanda açylyp ulanmaga beriljek binalardyr desgalar barada hem aýdyldy. Olaryň hatarynda Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň täze binalar toplumynyň hem bolmagy guwandyryjydyr. Şu ýyl açyljak bu toplumda häzirki wagtda ýokary okuw mekdebiniň täze binalaryny ulanmaga doly taýýar etmek ugrunda gurluşyk işleri tamamlaýjy tapgyrda alnyp barylýar.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan bilim özgertmeleriniň Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilmegi netijesinde milli bilim ulgamy ösüşiň täze derejesine çykaryldy. Diýarymyzyň çar künjeginde döwrebap bilim edaralary gurlup ulanmaga berlip, bar bolanlarynyň maddy-enjamlaýyn binýady yzygider döwrebaplaşdyrylýar.

Döredilýän şeýle amatly mümkinçilikleriň esasynda ýurdumyzda ýokary aň-düşünjeli, döwrebap bilimli, watansöýüji ýaşlar kemala gelýär.

Häzirki döwürde pederlerimiziň gurmak we döretmek baradaky asylly ýörelgeleri täze many-mazmun bilen baýlaşdyrylýar. Ak mermerli paýtagtymyzyň döwrebap binagärlik keşbi diňe bir gözelligiň däl, eýsem, ýurdumyzyň sarsmaz ykdysady kuwwatynyň, ylmy-intellektual ösüşleriniň we parahatçylyk söýüjilikli syýasatynyň aýdyň nyşanyna öwrüldi. Bu ägirt uly ösüşleriň täze, taryhy we ajaýyp nusgalarynyň biri hökmünde paýtagtymyzyň Görogly köçesiniň ugrunda döredilýän täze ylym-bilim şäherjigini – ýokary depginde gurulýan Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň täze, döwrebap binalar toplumyny hem görkezmek bolar. Ol ýurdumyzda ýokary tehnologiýalara, ylma we ýaşlaryň dünýä ülňülerine laýyk bilim almagyna aýratyn üns berilýändiginiň aýdyň mysalydyr.

Täze toplum döwrümiziň innowasion ruhuny özünde jemläp, geljekki binagärleriň, inženerleriň we alymlaryň täze nesillerini kemala getirjek mukaddes ylym-bilim ojagyna öwrüler. Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň 5 müň orunlyk täze binalar toplumy özüniň ulylygy we häzirki zaman tehnologik üpjünçiligi bilen sebitde deňi-taýy bolmadyk ajaýyp, talyplar hem-de professor-mugallymlar şäherjigi bolar. Hormatly Prezidentimiziň degişli Kararyna laýyklykda gurulýan hem-de hut özüniň gatnaşmagynda we ak pata bermegi bilen düýbi tutulan bu täze desgalar toplumy ýurdumyzda innowasion pikirlenmäniň we inženerçilik zehininiň pajarlap ösmegi üçin döredilýän ýokary derejeli şertleri alamatlandyrýar. Institutyň täze binalar toplumynyň gurluşygyny şu ýylyň sentýabr aýyna çenli tamamlamak maksat edinilýär. Häzirki döwürde bu döwrebap desgada alnyp barylýan depginli işler bu maksada üstünlikli ýetiljekdigine ynamy artdyrýar.

Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň täze binalar toplumynyň binagärlik keşbiniň üýtgeşik bolmagy we 15 gatdan ybarat esasy binasynyň belentligi görenleri haýran galdyrýar. Aýratyn bellemeli zatlaryň biri hem binanyň daşky bezeginde sirkulyň keşbiniň çeperçilik bilen ýerleşdirilmegidir. Toplum 4 sany okuw binasyndan, 1 müň orunlyk kaşaň mejlisler zalyndan, kitaphanadan, sergi merkezinden we dünýä ölçeglerine laýyk gelýän sport toplumyndan ybaratdyr. Toplumyň çäginde hojalyk maksatly, teh-



niki we hyzmat binalary-da ýerleşýär. Binagärlik sungatynyň döwrebap we milli nusgalarynyň özara sazlaşygy esasynda gurulýan ymaratlar toplumynda talyplaryň häzirki zaman ylmynyň çuňluklaryna aralaşmaklary, medeniýetli dynç almaklary, sport bilen meşgullanmaklary üçin ähli şertler döredilýär.

Bu ägirt uly taslamanyň buýsançly tarapy täze bilim ojagynyň şekil taslamasynyň hut ýurdumyzyň bu abraýly institutynyň tejribeli mugallymlarynyň hem-de zehinli talyplarynyň gatnaşmagynda taýýarlanmagydyr. Binalar toplumynda döwrebap sanly ulgamy dolandyryş merkeziniň, täze açylan raýat goranyşy, maglumat howpsuzlygy we ýol gurluşygy ýaly möhüm hünärler üçin dünýäniň öňdebaryjy öndürijileriniň enjamlary bilen üpjün edilen ýöriteleşdirilen ylmybarlag tejribehanalarynyň bolmagy talyplaryň kämil hünärmenler bolup ýetişmeklerine giň ýol açýar. Binalaryň gurluşyk we bezeg işlerinde öz ýurdumyzda öndürilýän, esasan hem Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň senagat kärhanalarynda öndürilýän, şeýle hem dünýäniň ösen döwletlerinden getirilýän gurluşyk serişdeleri peýdalanylýar.

***«Bedew batly, belent maksatly Watan» atly döredijilik bäsleşigine***

Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň täze döwrebap binalar toplumynyň dabaraly açylyşy ak mermerli paýtagtymyz Aşgabadyň şähergurluşyk senenamasyna altyn harplar bilen ýazylar hem-de «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 35 ýyllyk baýramyna hem-de Bilimler we talyp ýaşlar gününe ajaýyp sowgat bolar.

*Şamuhammet HOJAGELDIÝEW,*
*Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň Senagat müdirliginiň hünärmeni,*
*ilkinji ýaşlar gurmasynyň başlygy.*



# MILLI ÖSÜŞLERIŇ HALKARA YKRARNAMASY

***Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe halkymyzyň saglygyny goramak we saglygy goraýyş ulgamyny ösdürmek, keselleriň öňüni almak, ilaty saglygy goraýyş hyzmatalary bilen doly derejede üpjün etmek wezipeleri döwletimiziň ileri tutýan ugurlarynyň biridir. Häzirki döwürde Bütindünýä Saglygy goraýyş guramasy bilen döwletimiziň saglygy goraýyş ulgamynyň arasyndaky gatnaşyklar yzygiderli ösdürilýär, ony mundan beýläk hem giňden ýaýbaňlandyrmakda düýpli işler alnyp barylýar.***

Şu ýylyň 16-njy fewralynda hormatly Prezidentimiz Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň Ýewropa sebiti edarasynyň direktoryny kabul etdi. Duşuşygyň dowamynda hormatly Prezidentimize BSGG-niň «Saglygy goraýyşda parahatçylygy, agzybirligi we diplomatiýany öňe sürmekde goşan goşandy üçin» atly ýörite sylagynyň gowşurylmagy geljege gönükdirilen hyzmatdaşlygyň pugtalandyrylmagyna goşýan şahsy goşandynyň ykrarnamasy bolup, her bir ildeşimizi buýsandyrdy. Arkadagly Gahryman Serdarymyz BSGG-niň ýörite sylagy bilen Türkmenistanda parahatçylygy we halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmek, şeýle hem Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy we Birleşen Milletler Guramasy bilen hyzmatdaşlykda saglygy goraýyş diplomatiýasyny berkitmekde yzygiderli tagallalary üçin sylaglanyldy.

Türkmenistan dünýä derejesinde sagdynlygy we abadançylygy üpjün etmek, adamlaryň saglygyny, beden hem ruhy taýdan sazlaşykly ösüşini gazanmak, daşky gurşawyň arassalygyny gorap saklamak, saglygy goraýyş ulgamyny kämilleşdirmek meselelerinde Birleşen Milletler Guramasynyň ýöriteleşdirilen düzümleri bilen Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň, Çagalar gaznasynyň, Ilat gaznasynyň saglygy goraýyş, ilat we ösüş ugrundaky umumy strategiýalaryny goldaýar. Ýurdumyz olar bilen bile-



likdäki taslamalardyr maksatnamalary üstünlikli durmuşa geçirip, bu ugurda möhüm başlangyçlary öňe sürýär.

Köp ýyllaryň dowamynda ýurdumyzyň saglygy goraýyş ulgamyna ýolbaşçylyk eden Gahryman Atkadagymyzyň asylly başlangyjy bilen öňe sürlen we işlenilip taýýarlanylan «Saglyk» Döwlet maksatnamasynyň yzygiderli durmuşa geçirilmegi netijesinde täze taryhy eýýamymyzda saglygy goraýyş ulgamynyň işi düýpli kämilleşdirildi. Paýtagtymyzda Halkara sagaldyş-dikeldiş we Halkara fiziologiýa ylmy-kliniki merkezleri açylyp ulanmaga berildi, köpugurly hassahanalar, derman serişdelerini öndürýän kärhanalar yzygiderli gurulýar. Gahryman Arkadagymyzyň düýbüni tutan döwletli ýörelgeleriniň hormatly Prezidentimiz tarapyndan üstünlikli dowam etdirilmegi netijesinde ýurdumyzda amala aşyrylýan giň gerimli maksatnamalar, uzak geljegi nazarlaýan taslamalar diňe bir halkymyzyň däl, eýsem, umumadamzat bähbitlerine hem gönükdirilýär.




Eziz Watanymyzyň bedew batly ösüşleriniň giňden dabaralanýan günlerinde Arkadagly Gahryman Serdarymyza Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy tarapyndan «Saglygy goraýyşda parahatçylygy, agzybirligi we diplomatiýany öňe sürmekde goşan goşandy üçin» atly ýörite sylagyň gowşurylmagy tutuş halkymyzda çäksiz buýsanç döredýär. Biz hormatly Prezidentimizi bu ýokary derejeli sylagy bilen tüýs ýürekden gutlap, janynyň sag, ömrüniň uzak, mertebesiniň belent bolmagyny, halkymyzyň abadançylygynyň, ýurdumyzyň kuwwatlanmagynyň bähbidine amala aşyrýan beýik işleriniň hemişe rowaç almagyny arzuw edýäris.

*Toýguly AKMÄMMEDOW,*
*«Türkmenhimiýa» döwlet konserniniň ýolbaşçysynyň kätibi.*



# WATANSÖÝÜJILIGIŇ BEÝIK NUSGASY

***Gahryman Arkadagymyzyň «Mert ýigitler gaýrat üçin dogulýar» atly gymmatly kitabynda «Seniň wezipäň agzybirligi, howpsuzlygy, döwletliligi goramakdyr» diýen sözleri harby we hukuk goraýjy edaralaryň şahsy düzümine gulluk borçlaryny yhlasly, dogumly berjaý etmäge ruhy joşgun berýär. Watan goragy mertlik mekdebidir. Mertlik mekdebine dahylly ähli adam üçin Watan goragy mukaddesdir. Ýurdumyzda her ýylyň 27-nji ýanwarynda Watan goragçylarynyň gününiň dabaraly bellenilmegi döwletimiziň Garaşsyzlygyny, parahat durmuşyny, çäk bitewüligini gorap saklaýan merdana gerçeklerimize bildirilýän uly ynamyň, goýulýan belent hormatyň aýdyň güwäsidir.***




Türkmenistan dünýäde we sebitde durnukly ösýän, parahatçylygy, howpsuzlygy berkitmek ugrunda tagalla edýän döwlet hökmünde tanalýar. Parahatçylyk söýüji daşary syýasaty ýöredýän ýurdumyzyň goranyş häsiýetli Harby doktrinasyna laýyklykda, milli goşunymyz howpsuzlygy hem bitewüligi üpjün edýän, döwletiň, jemgyýetiň we şahsyýetiň iň möhüm bähbitlerini içerki we daşarky howplardan goraýan güýçdir. Bulardan başga-da, Harby doktrinada ýurdumyzyň Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan üç gezek ykrar edilen hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyndan gelip çykýan möhüm wezipeleri, asylly ýörelgeleri öz beýanyny tapýar.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň öňdengörüjilikli başlangyçlary bilen hem-de hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda milli goşunymyzyň goranmak kuwwaty barha berkidilip, ol iň täze döwrebap tehnologiýalar we harby tehnikalar, häzirki zamanyň iň kämil ýaraglary bilen üpjün edilýär. Şunuň bilen birlikde, harby gullykçylaryň ýaşaýyş-durmuş, gulluk, iş şertlerini has-da gowulandyrmak babatda giň gerimli işler durmuşa geçirilýär. Şoňa görä-de, ýokary amatlykly täze binalardyr desgalar toplumlary yzygiderli gurulýar. Her ýylda Watan goragçylarynyň gününiň öňüsyrasynda dürli baýramçylyk çäreleri, maslahatlar we beýleki dabaralar geçirilýär. Şu ýylda

hem ýurdumyzyň dürli künjeklerinde döwrebap tehnologiýalar, iň täze enjamlar, programmalar bilen üpjün edilen binalaryň hem desgalaryň toplumlarynyň, serhet galasynyň, ýaşaýyş jaýlarynyň we beýleki binalaryň gurlup ulanmaga berilmegi hem muňa şaýatlyk edýär.

2024-nji ýylda Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň Berdimuhamet Annaýew adyndaky Ýöriteleşdirilen harby mekdebiniň binalarynyň gurlup ulanmaga berilmegi has-da guwandyryjydyr. Edermen esger, ussat mugallym, ilhalar ynsan Berdimuhamet Annaýewiň adyny buýsanç bilen göterýän harby mekdebiň täze döwrebap toplumynda ýaşlaryň bilim almagyna ähli mümkinçilikler döredilendir.



Türkmen halkynyň şöhratly taryhy mähriban Watanymyzyň goragy ugrunda göreşen edermen ogullaryň nusgalyk durmuş ýollary bilen berk baglanyşyklydyr. Olaryň hatarynda Berdimuhamet Annaýewiň hem mynasyp orny bar. Ol 1941—1945-nji ýylllaryň Beýik Watançylyk urşunda ilkinjileriň hatarynda fronta gidip, agyr ýaralanandygyna garamazdan, uruşdan soň hem ýaş nesli terbiýelemek ýaly asylly işi dowam etdirdi we halk hakydasynda öçmejek yz goýdy. Gahryman Arkadagymyzyň kyblasy Mälikguly Berdimuhamedow Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň bölümleriniň şahsy düzümlerinde işledi. Hormatly dynç alşa çykandan soň, köp ýyllaryň dowamynda ýaşlara bilim bermek işinde zähmet çekdi. Olaryň durmuş ýoly häzirki wagtda ýaş nesil üçin watançylygyň we borja wepalylygyň beýik nusgasydyr.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe eziz Watanymyzyň mukaddes Garaşsyzlygyny, hemişelik Bitaraplygyny, özygtyýarlylygyny, çäk bitewüligini, konstitusion gurluşyny, döwlet serhedimiziň mizemezligini goraýan, ýurdumyzyň howpsuzlygyny, jemgyýetçilik asudalygyny, milli kanunçylygymyzy hem-de hukuk tertibini üpjün edýän harby we hukuk goraýjy edaralaryň harby gullukçylaryna, işgärlerine bildirilýän uly ynamy dabaralandyrýan Watan goragçylarynyň baýramy parasatly halkymyzyň merdi-merdanalyga, Watan mukaddesligine goýýan belent hormatyny alamatlandyrýar.

Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň durmuşa geçirýän asylly işleri Watanyň edermen goragçylaryny mukaddes harby borjy ýerine ýetirmekde netijeli zähmet çekip, ene topragymyzyň hakyky mertleri bolup, ýurdumyzda amala aşyrylýan beýik işleri rowaçlyklara beslemekde özleriniň mynasyp goşandyny goşmaklaryna ruhlandyrýar.

***Alijan MÜRZÄÝEW,***
***Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň ýanyndaky Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy baradaky gullugyň Lebap welaýat müdirliginiň Farap etrap bölüminiň döwlet bellige alyjysy.***

# DIÝARYMYZ BAGY-BOSSANLYGA ÖWRÜLÝÄR



21-nji martda ir bilen dabaranyň geçirilýän ýerinde baýramçylyk ýagdaýy emele geldi. Dabara Mejlisiň Başlygy, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary, harby we hukuk goraýjy edaralaryň, ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, daşary döwletleriň we halkara guramalaryň ýurdumyzdaky wekilhanalarynyň ýolbaşçylarydyr wekilleri, halk köpçüligi gatnaşdylar.

Hormatly Prezidentimiz ählihalk bag ekmek dabarasynyň geçirilýän ýerine — paýtagtymyzyň günorta künjegine geldi. Dabara gatnaşyjylar döwlet Baştutanymyzy mähirli mübäreklediler. Ýurdumyzyň sungat ussatlarynyň çykyşlary çärä aýratyn öwüşgin çaýdy.

Hormatly Prezidentimiz dabara gatnaşyjylary mähirli mübäregkläp, bag ekmek üçin ýörite taýýarlanylan ýere bardy. Bu ýerde ýaş nesliň wekiliniň Arkadagly Gahryman Serdarymyzdan haýyş etmegi bilen, döwlet Baştutanymyz agaç nahalyny oturdyp, ählihalk bag ekmek dabarasyna badalga berdi. Hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzy bagy-bossanlyga öwürmäge gönükdirilen bu giň gerimli çärä gatnaşmagy onuň ähmiýetini has-da artdyrdy hem-de halkymyzyň milli däpleriniň dowamata atarylýandygyny aýdyň görkezdi. Dabara gatnaşyjylaryň ählisi Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň göreldesine eýerip, bag nahallaryny ekdiler.

Dabara gatnaşýan daşary ýurtly myhmanlar Türkmenistanda şeýle ekologiýa çäreleriniň yzygiderli geçirilmeginiň sebitde daşky gurşawyň durnuklylygyny üpjün etmekde nusgalykdygyny we howanyň üýtgemegine garşy göreşmek boýunça dünýä bileleşiginiň tagallalaryny birleşdirmäge uly goşant goşýandygyny bellediler. Mälim bolşy ýaly, Türkmenistanyň döwlet syýasatynda daşky gurşawy goramaga, tebigy serişdelerden rejeli peýdalanmaga, howanyň üýtgemegi bilen baglanyşykly täsirleri peseltmäge gönükdirilen giň möçberli ekologiýa başlangyçlaryna uly orun berilýär. Bu ugurda BMG we beýleki iri halkara düzümler bilen hyzmatdaşlyk etmek ýurdumyzyň daşary syýasat strategiýasynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir.

Häzirki wagtda paýtagtymyzyň töweregindäki dag eteklerinde arça agaçlary oturdylan meýdanlar ýylsaýyn giňeýär. Olar topragy berkidip, ýerasty suwlaryň ýokary galmagyny saklaýar hem-de sil suwlarynyň dö-

**Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň ýurdumyzy bagy-bossanlyga öwürmäge gönükdirilen başlangyçlary hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýär. Eziz Diýarymyzda köpçülikleýin bag nahallarynyň oturdylmagy ekologiýa gurşawy üpjün etmek bilen, tebigatyň biodürlüligini gorap saklamaga ýardam edýär. Şunuň bilen baglylykda, «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň 21-nji martynda ýurdumyzda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň gatnaşmagynda ählihalk bag ekmek dabarasy geçirildi.**



remeginiň öňüni alýar. Şeýle-de arça agajy uglerod oksidiniň howadaky derejesini peseldip, howany tozandan arassalap, ýellerden goranmagyň tebigy serişdesi bolup durýar. Mundan başga-da, Aşgabadyň töwereginde emele gelen tokaý-seýilgäh zolagy bu ýerde howanyň gowulanmagyna ýardam edýär. Dag derelerinde, baýyrlyklarda, ýapgytlarda arça agaçlarynyň tokaýlyklary döredilip, olaryň sany eýýäm onlarça milliona ýetýär.

Zähmet baýramçylygyna öwrülen bu günde şeýle dabaralar ýurdumyzyň ähli ýerlerinde uly ruhubelentlik bilen guramaçylykly geçirildi. Şol gün türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowyň gatnaşmagynda täze taryhy döwürde köpugurly ösüşi özünde jemleýän döwrebap Arkadag şäherinde hem ählihalk bag ekmek dabarasynyň ýazky möwsümine badalga berildi. Milli Liderimiz şu günki uly ähmiýetli waka gatnaşýan oglanjygyň goşgy setirleriniň üsti bilen haýyş etmeginde, «akylly» şäheriň çäginde nobatdaky möwsümiň ilkinji bag nahalyny oturtdy. Dabara gatnaşyjylar hem Gahryman Arkadagymyzyň göreldesinden ruhlanyp, uly höwes bilen agaç nahallaryny oturtdylar. Bu bolsa ýurdumyzyň ýaşlarynyň we ýaşuly nesilleriniň ählihalk dabarasyna işjeň gatnaşýandygyny, halkymyzyň sogap işlere aýratyn ähmiýet berýändigini aňladýar.

Çäräniň dowamynda tutus ýurdumyzda agaç nahallarynyň ekilmegi bilen bir hatarda, ozaldan bar bolan tokaý zolaklaryna ideg işleri hem geçirildi. Dabara gatnaşyjylar öňki ýyllarda ekilen agaçlaryň düýbüni ýumşatmak we suwarmak işlerini ýerine ýetirdiler.

Umuman, şu gezekki ählihalk bag ekmek dabarasynyň barşynda tutuş ýurdumyz boýunça agaç nahallarynyň 611 müň 962 düýbi ekildi. Şeýle hem seýilgähleri, tokaý zolaklaryny arassalamak, abadanlaşdyrmak işleri bilen birlikde jemi 2 million 24 müň 240 düýp baga ideg etmek işleri geçirildi. Şeýlelikde, ählihalk bag ekmek dabarasy ata Watanymyzyň mukaddes Garaşsyzlygynyň şanly 35 ýyllygyna beslenýän «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda ýurdumyzyň ekologik abadançylygy üpjün etmek boýunça ählumumy tagallalara goşýan mynasyp goşandynyň nobatdaky beýany boldy.

***«Türkmenistanyň senagaty».***

# GUWANDYRYJY NETIJELER — TÄZE ÜSTÜNLIKLERE

*2026-njy ýylyň 13-nji fewralynda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisi geçirilip, onda geçen ýylyň jemleri jemlenildi, durmuş-ykdysady maksatnamalary amala aşyrmagyň barşynda gazanylan netijeler ara alnyp maslahatlaşyldy we täze wezipeler kesgitlenildi. Hormatly Prezidentimiz 2025-nji ýylyň makroykdysady görkezijilerine ýokary baha berip, halkymyzyň tutanýerli zähmeti netijesinde Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda uly üstünlikleriň gazanylandygyny, göz öňünde tutulan meýilnamalaryň ýerine ýetirilendigini kanagatlanma bilen belledi. Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 35 ýyllyk ýubileýiniň dabaralaryna beslenjek «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda hem ynamly gadamlar bilen öňe gidilip, Watanymyzyň gazanan üstünliklerini we depginli ösüşlerini berkitmek boýunça ähmiýetli işler dowam etdiriler.*

Döwlet Baştutanymyz Ministrler Kabinetiniň mejlisinde eden maksatnamalaýyn çykyşynda «Ykdysadyýetimiziň ýokary ösüş depginini saklap galdyk. Jemi içerki önümiň ösüşi 6,3 göterim, şol sanda ol senagatda 1,8 göterim, söwdada 9,6 göterim, oba hojalygynda bolsa 7 göterim boldy. Maýa goýumlar 6 göterim artdy. Hasabat döwründe iri we orta kärhanalarda jemi 7 müňe golaý täze iş orny döredildi» diýip belledi.

Hasabat döwründe ýurdumyzyň milli ykdysadyýetiniň beýleki ulgamlary bilen bir hatarda Gurluşyk we senagat toplumynyň pudaklarynda hem uly ösüşler gazanyldy. Bu toplum tarapyndan 2025-nji ýylyň ýanwar — dekabr aýlarynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri baradaky hasabatdan görnüşi ýaly, toplum tarapyndan öndürilen önümleriň we ýerine ýetirilen işleriň meýilnamasy 101,9 göterim berjaý edildi. Gurluşyk we binagärlik ministrligi boýunça öndürilen önümleriň, ýerine ýetirilen işleriň meýilnamasy 114,5 göterim, Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrligi boýunça 109,7 göterim, Energetika ministrligi boýunça 107,1 göterim boldy. Awtomobil ýollarynyň gurluşygyny dolandyrmak baradaky döwlet agentligi tarapyndan ýerine ýetirilen işleriň meýilnamasy 104,2, göterim berjaý edildi. Aşgabat şäheriniň häkimligi boýunça ýerine ýetirilen işleriň möçberi 132 million manada deň boldy.

Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde hormatly Prezidentimiz 2026-njy ýylda Gurluşyk we senagat toplumynyň öňünde duran wezipelere ünsi çekip, bu toplumyň kärhanalaryny taslama kuwwatyna çykarmak boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmegiň, önümçilik meýilnamalarynyň ýerine ýetirilişini berk gözegçilikde saklamagyň, gurluşygy alyp barmakda dünýäniň ösen tehnologiýalaryny we häzirki zaman usullaryny giňden peýdalanmagyň zerurdygyny belledi. Döwlet Baştutanymyz senagat we gurluşyk önümçiligi boýunça täze, döwrebap kärhanalary döretmegi dowam etdirmegi, içeri we daşary ýurt sarp edijilerini elektrik energiýasy bilen üpjün etmek üçin elektrik energiýasynyň öndürilişini yzygiderli artdyrmagy, täze elektrik stansiýalaryny gurmak, paýlaýjy ulgamlaryň tehniki ýagdaýyny gowulandyrmak boýunça işleri ilerletmegi tabşyrdy.

Şeýle hem hormatly Prezidentimiz himiýa senagatynyň kärhanalarynda öndürilýän himiýa önümleriniň daşary ýurtlara iberilýän möçberini artdyrmak boýunça netijeli işleri durmuşa geçirmek, ýurdumyzda täze awtomobil ýollaryny gurmak, döwrebaplaşdyrmak üçin pudagyň maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmek, şu ýyl açylyp ulanmaga berilmegi meýilleşdirilýän binalaryň we desgalaryň bellenen möhletde, ýokary hilli ulanmaga tabşyrylmagyny üpjün etmegi tabşyrdy.

Öňde duran wezipeler barada aýtmak bilen, hormatly Prezidentimiz «Türkmenistany 2026-njy ýylda durmuş-ykdusady taýdan ösdürmegiň we maýa goýum Maksatnamasyna» laýyklykda, şu ýyl umumy meýdany 900 müň inedördül metrden gowrak ýaşaýyş jaýlarynyň, 3 müň 380 orunlyk umumybilim edaralarynyň, 1 müň 80 orunlyk mekdebe çenli çagalar edaralarynyň gurlup ulanmaga berilmeginiň meýilleşdirilýändigini nygtady.








Halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmak üçin bu Maksatnamany durmuşa geçirmegiň çäklerinde welaýatlarda we paýtagtymyzda ençeme desgalardyr binalaryň gurluşygyna badalga berler. Şeýle hem birnäçe desgalaryň gurluşygyny tamamlamak göz öňünde tutulýar. Görşümiz ýaly, şu ýyl ýurdumyzyň durmuşykdysady ösüşine güýçli itergi berildi. «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda ýetiljek belent sepgitler Garaşsyzlygymyzyň şanly 35 ýyllyk toýuny has-da şöhratlandyrar.

*Gurbangeldi ORAZBERDIÝEW,*
*«Türkmenistanyň senagaty»*
*žurnalynyň jogapkär kätibi.*

# ENE TOPRAK ÝYLANDA, ENELER ÝYLGYRANDA

## *Dünýä toý lybasyna beslenýär*




Älem-jahany alaýaz eýläp bahar gapymyzy kakdy. Bu Adam oglunyň kalbyny, ruhuny çeşme-çaýlary, derýa-deňizleri heýjana getirýän, ene ýere ýyly goý-berip, Zemini görlüp-eşidilmedik derejede gülledip, dünýäni joşduryp, «Bijanlary jana girizip», ýurdumyza gelýän, Güni-güneşi öňküsinden hem nurlandyrýan, bugdaýly meýdanlary maýsazarlyga öwürýän, daglary-daşlary gülledýän, düzlere al-ýaşyl don geýdirip, läle-reýhana öwürýän bahar-ýazyň ýakymy bilen giň jahana dolan günlerinde, adamlara: «Dünýä sözi meňzär duzsuz tagama, söz içinde gelin-gyz hem bolmasa» diýip, aýdyma joşdurýan döwürde zenanlarymyzyň ajaýyp ýylgyrşyndan ynsan ýürekleri pürepürlenýär. Bu döwür beýik Pyraga:

**Derwüşler köňli jem dursun namaza,**
**Ýigitler ýygylsyn söhbede-saza,**
**Ilimiz ulaşýar sowulmaz ýaza,**
**Togsan dolup tamam bolsa gyşymyz**

diýdirip goşgy ýazdyran bolsa, serkerde şahyrymyz Seýitnazar Seýdä:

**Pasly-baharlarda seýrana gitsek,**
**Tükenmez ýollaryň bardyr, sen çölüň!**
**Üstüňde ýaýlaýyp myrada ýetsek,**
**Lälezar gülleriň bardyr, sen çölüň!**

diýdirip, lälezar bahar paslynda türkmen çölüniň ýaşyl begrese, gül-lälelige beslenip, Adam ogluny hyruçlandyryşy hakynda şygyrlar düzdürendir.

Elbetde, bu pasyl dünýä barylýan ýoluň ugrunda mähek daşyna deňelýän gyz-gelinlerimize, şeýle hem ýaşaýyşyň durmuş mekdebine öwrülen enelerimize, lebzi halal, zähmetsöýer, belent ahlakly, ynsanperwer adamlar bolan jana-jan uýalarymyza gül desseleriniň, olaryň iň bir zähmetsöýerlerine, ynsanperwerlerine «Ene mähri» diýen hormatly adyň dakylan, «Zenan kalby» diýen ordeniň gowşurylan, şonuň ýaly hem Halkara zenanlar güni mynasybetli eziz Diýarymyzyň ähli gyz-gelinlerine, talyp hem okuwçy, mekdebe çenli çagalar edaralarynda terbiýelenýän kiçi ýaşly gyzlarymuza pul baýraklarynyň gowşurylan döwri hökmünde hakydalarymyzda galan döwür hökmün-

de mähir-muhabbete beslenen pasyldyr. Bu döwür enelerimiziň bizi — öz nesillerini ýagşy edim-gylymlary bilen gowy terbiýelemek, asylly hem akylly adamlar hökmünde ösdürip ýetişdirmek arkaly ýagşylaryň durmuş çägini giňeltmek, ýaz ýaly ýakymly adamlaryň sanyny artdyrmak baradaky pikirlerini amala aşyryp, olaryň hormatly Prezidentimiziň beren pul baýraklary, döşlerine dakylan orden-medallary arkaly Watana, nesillere bolan ynam-ygtykatlarynyň kemal



tapan bagtyýar günleri hökmünde hiç haçan ýatdan hakydadan çykmajak günler hökmünde taryhyň sahypalaryna altyn harplar bilen ýazylýan döwür.

Bu ýyl hem Halkara zenanlar güni mynasybetli ýurdumyzyň Aşgabat hem Arkadag şäherleriniň, welaýatlarymyzyň medeniýet we sungat işgärleriniň döwlet edaralarynda, bilim ojaklarynda, seýilgählerde aýdym-sazly çykyşlary, basleşikleri, çeperçilik sergilerini, döredijilik duşuşyklaryny guramagy, dürli bäsleşiklerde, ýaryşlarda üstünlikli çykyş eden zenanlarymyza dürli baýraklaryň, ter gül desselerinden boglan çemenleriň gowşurylmagy jemgyýetde, ýurt möçberinde enelerimize, uýalarymyza nä derejede hormat goýulýandygyny görkezýär.

Her bir güni toýa-baýrama beslenip gelen bahar paslynyň ilkinji günlerinde 8-nji martyň — Halkara zenalar gününiň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda dürli derejeli çäreler bilen utgaşdyrylmagy, bu döwürde gender deňliginiň ösüşiň esasy ugurlaryna öwrülmegi, ony üpjün etmek üçin, eneligi we çagalygy goramak maksady bilen hormatly Prezidentimiziň düýpli işleri durmuşa geçirmegi, türkmen zenanlarynyň döwlet dolandyryş edaralarynda, ylym-bilim, medeniýet we sungat, saglygy goraýyş, sport hem syýahatçylyk ulgamlarynda, abraýly wezipelerde zähmet çekmegi, olaryň erkekler bilen deňli-derejeli wezipelerde işlemegi üçin şertleriň döredilmegi ýurdumyzda gender deňligine nä derejede üns berilýändigini görkezýär. Döwrebap ösüş menzilleri ýokary derejede seljerilýän, naçar doganlarymyza, enelerimize we uýalarymyza şeýle uly hormat goýulýan bu döwürde öý-ojaklarymyzyň ýaraşygy bolan zenanlarymyzyň at-abraýynyň ýokarylygy her bir ugurda «Me saňa» duýulýar. Türkmenistanyň halk ýazyjysy Amangözel Şagulyýewanyň, ÝUNESKO-nyň işleri barada Türkmenistanyň Milli toparynyň jogapkär sekretary Çynar Rüstemowanyň, Aksoltan Ataýewanyň, Türkmenistanyň halk artisti, bagşy Gurbanjemal Nurmuhammedowanyň Türkmenistanyň Gahrymany diýen hormatly atlara mynasyp bolandyklary munuň hakykatdan hem şeýledigini görkezýär.

Özleri barada döwlet derejesinde goýulýan şeýle uly hormat-sarpa enelerimiziň, uýalarymyzyň serini göge ýetirýär, ruhuny göterýär, göwünlerini ganatlandyrýar. Goý, şeýle uly işleriň gözbaşynda duran Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, belent başlary aman bolsun!

***Sülgün ESENMYRADOWA,***
***Aşgabat şäheriniň 145-nji orta mekdebiniň müdiriniň terbiýeçilik işleri boýunça orunbasary.***



Geldi Nowruz äleme,
reň kylar jahan peýda

# «ÄLEM GÜLÜSTANDYR BU GÜN»

Togsan dolup, ýere ýyly girip ugrady. Bu döwürde ähli janly-jandar oýanyp, ýerler gök öwsüp, tallar şine çykaryp, badamlar gülläp, çar tarap nura beslenip ugrady. Direlişiň, ekerançylygyň, erkinlige çykmagyň, azatlygyň... baýramy diýlip atlandyrylan Nowruz baýramyny edermen eždatlarymyz: «Togsan doldy, türkmen Nowruzy, çarwa Nowruzy, arkaç Nowruzy (esasy Nowruz), ýüpek Nowruzy (ekerançylyk Nowruzy), çiltek Nowruzy, Oguz güni, Ýaz başy, Ýyl başy, Erkin gün» diýip, giňden belläpdirler. Taryhyň gatlarynda durmuş başlangyjy hasaplanan Nowruz baýramynyň öň ýnynda öýüň ähli ýeriniň arassalanmagy, köçeleriň süpürilmegi, supralaryň giňden ýazylyp, gelenlere hödür-kerem edilmegi bilen Nowruz baýramy garşylanypdyr. Belli orta asyr ýazyjylarynyň biri Abylgazy Bahadyrhan «Şejereýi teräkime» kitabynda: «Oguzlar «Erkin günde» uly ot ýakdylar we agyr demir goýdular, ony çekiçlediler, onuň üsti bilen şol bir wagtda suwa we topraga oduň güýjüni geçirdiler. Olaryň garaýyşlaryna görä, şondan soň toprak janlanýar we sowuk yza çekilýär» diýip ýazýar. Dogrusy Nowruz diňe bir türkmen halkynyň däl, eýsem gadymy musulman halklarynyň ählisiniň hem baýramy. Oňa bagyşlap ýazyjy-şahyrlaryň arasynda şygyr ýazmadygy az-azdyr. Dünýä belli dana şahyr Magtymguly Pyragynyň hem:

***Gelse Nowruz äleme, reň kylar jahan peýda,***
***Ebirler owaz urup, dag kylar duman peýda,***
***Bijanlar jana girip, ederler dahan peýda,***
***Görmediginň giýalar, gögerip rowan peýda,***
***Ederler haýwanatga hem sudy-zyýan peýda,***

***Ýer ýüzüne ýaýylyp, ýörirler nahan peýda,***
***Wabeste dahan guşlar kylarlar zyban peýda***

diýen goşgusy bar.

2009-njy ýylyň 30-njy sentýabrynda ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasyna girizilen, 2010-njy ýylyň fewralynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 64-nji mejlisinde her ýylyň 21-nji martyny Halkara Nowruz güni diýip yglan etmek hakynda Rezolýusiýa kabul edilen, Gündogar halklarynyň söýgüli baýramlarynyň biri, taryhyň sahypalarynda Göktürkmenler imperiýasyny dolandyran, ady altyn harplar bilen ýazylan Atail, kynyk türkmenleriniň Seljuk imperiýasynyň ýolbaşçysy, meşhur Mälik şa, Osman imperiýasyny dolandyran Myrat-I, Myrat-II, Myrat III tarapyndan giňden bellenen Nowruz häzirki gün halkara derejesinde giňden baýram edilýär.

Nozruz hakynda gadymy dilçi alym Mahmyt Kaşgarly:

**Dürli güller açyldy,**
**Jennet ýeri göründi,**
**Gyş gelmezine gitdi,**
**Gurt-guş bary direldi**

diýip ýazsa, Nasyreddin Burhaneddin Rabguzy:

**Gün hamala girende,**
**Geldi älem Nowruzy.**
**Geçdi aňzak, çille-gyş,**
**Galmady gary, buzy —**

diýip, bu döwür hakynda goşgular ýazypdyr. Elbetde, görnükli söz ussatlarynyň, ýazyjy-şahyrlaryň ählisiniň öz döredijiliginde Howruz temasyna orun bermegi bu baýramçylygyň adamzat taryhynda nähili uly orun eýeländigini görkezýär.

Dostluk-doganlyk baýramy hökmünde dünýä ýaýylan Nowruz baýramymyz Halkara Nowruz güni hökmünde bizi ýakynda hem alysda ýaşaýan halklar bilen doganlaşdyrdy. Onuň dostluk-doganlyk derejesi barada hormatly Prezidentimiz: «Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň Kararnamasy esasynda her ýylyň 21-nji marty «Halkara Nowruz güni» diýlip yglan edildi. Nowruz baýramynyň däpdessurlary ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizildi. Halkara derejede ähmiýeti bolan bu baýram dünýäde medeni-ynsanperwer ýörelgeleri kämilleşdirmäge, halklaryň arasynda dost-doganlyk gatnaşyklaryny pugtalandyrmaga ýardam berýär» diýip belleýär.

***Aýbölek NAZAROWA,***
***Mary welaýatynyň Oguz han etrabynyň***
***Dag han daýhan birleşiginiň ýaşaýjysy.***







# KUWWATLY TEHNIKALAR — HALKYŇ HYZMATYNDA

***Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyzyň hemmetaraplaýyn ösüşinde jemagat hojalygynyň düzümleriniň işiniň ýokary derejede guralmagyna, maddy-enjamlaýyn binýadynyň pugtalandyrylmagyna möhüm ähmiýet berilýär. Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 35 ýyllygynyň uly dabaralar bilen belleniljek «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň ilkinji günlerinde ýurdumyza jemagat hojalygynyň düzümlerine niýetlenen köp sanly döwrebap tehnikalar gelip gowuşdy. Munuň özi Aşgabat şäheriniň we ýurdumyzyň welaýatlarynyň häkimlikleriniň Jemagat hojalygy birleşikleriniň işgärleri üçin ýatdan çykmajak waka boldy.***

Bu ajaýyp waka mynasybetli Aşgabat şäheriniň Ahal, Balkan, Daşoguz, Lebap we Mary welaýatlarynyň häkimlikleriniň Jemagat hojalygy birleşiklerinde geçirilen dabaralarda çykyş edenler Arkadagly Gahryman Serdarymyz tarapyndan ýurdumyzyň jemagat hojalygy pudagyna niýetlenip satyn alnan täze ýöriteleşdirilen awtoulaglaryň, tehnikalaryň we enjamlaryň täze ýylyň ilkinji günlerinde pudagyň işgärleri üçin ajaýyp sowgada öwrülendigini nygtadylar. Olar häzirki zaman tehnikalaryny tüýs ýürekden hoşallyk bilen kabul edip,




hormatly Prezidentimize hem-de Gahryman Arkadagymyza alkyşlaryny beýan etdiler.

Pudak üçin şeýle döwrebap tehnikalaryň satyn alnyp berilmegi mähriban halkymyzyň abadan we bagtyýar ýaşaýşy üçin durmuşa geçirilýän işleriň üstünliklere beslenýändigini görkezýär. Şeýle hem munuň özi pudaklaryň häzirki zaman tehnikalardyr enjamlar bilen yzygiderli üpjün edilmegine aýratyn ähmiýet berilýändiginiň güwäsidir.

Ýurdumyza getirilen täze, ýöriteleşdirilen awtoulaglardyr beýleki tehnikalar jemagat hojalygy gulluklarynyň zerurlyklaryna niýetlenendir. Bu kämil tehnikalar ilatly ýerlerde arassaçylyk we abadanlaşdyryş işlerini döwrebap ýola goýmaga giň mümkinçilikleri döredýär. Ýeri gelende bellesek, täze tehnikalaryň hatarynda zeý suwuny sorujy we ýokary basyşda lagym ulgamlaryny arassalaýjy awtoulaglar, süpüriji-ýuwujy, gapdalyndan zir-zibil ýükleýän, konteýnerli zir-zibil daşaýan, ýol germew we barýer ýuwýan ýöriteleşdirilen awtoulaglar, ýol ýuwujy-süpüriji kiçi maşynlar bar. Mundan başga-da agaç owradyjy, 25 tonnalyk ýük göteriji, suw daşaýjy, ýol ýuwujy, gidrogaldyryjy, göteriji enjamly kiçi ýol ýuwujy awtoulaglaryň, hereketdäki ussahana awtoulaglarynyň, ýörite agyr awtoulaglar tirkeginiň, ýükleýji ekskawatorlaryň, öňtaraplaýyn uly ýükleýjileriň, tekerli ekskawatorlaryň, zir-zibil daşaýjy ulag üçin açyk görnüşli konteýnerleriň, agaç nahallaryny göçürmek üçin enjamlaryň, aýratyn dakylýan enjamlaryň bardygyny bellemek gerek. Pudagyň işgärleri üçin 24 adamlyk awtobuslaryň satyn alnandygy jemagat hyzmatlarynyň hilini has-da kämilleşdirmäge şert döreder.

Pudagyň işgärleri Watanymyzyň Garaşsyzlygynyň şanly 35 ýyllygy belleniljek «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň jemagat hojalygy pudagyna berýän yzygiderli goldawlaryndan ruhlanyp, yhlasly zähmet çekmek arkaly şanly senäni dabaralandyrmaga öz mynasyp goşantlaryny goşarlar.

***Annaguly MÖWLAMBERDIÝEW,***
***«Türkmenhimiýa» döwlet konserniniň***
***Iş dolandyryş bölüminiň baş hünärmeni.***

# BAGTYÝAR DURMUŞYŇ BAŞLANÝAN ÝERI

***Iň bir ösen, häzirki zaman, hemmetaraplaýyn kämil, arassa hem gözelliklere beslenen, täze gurulýan binalalary bilen utgaşýan, halkara derejesindäki aýna ýaly tekiz ýollary, seýilgähleri, öňdebaryjy, nusgalyk, ýokary amatlykly edara hem ýaşaýyş jaýlary, halkara derejesinde ösen institut-uniwersitetleri bilen hemmäni haýrana galdyrýan, dost-doganlyk şäheri hökmünde halkara derejesinde hem uly abraýa eýe bolýan paýtagtymyz barada hormatly Prezidentimiz: «Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyzyň paýtagty Aşgabat tutuş ýurdumyzda gazanylýan üstünlikleriň, ýetilýän belent sepgitleriň ajaýyp mysalydyr» diýip belleýär.***

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy, Türkmenistanyň at gazanan arhitektory Gahryman Arkadagymyzyň parasatly başlangyçlary bilen üstünlikli amala aşyrylýan şähergurluşyk-binagärlik maksatnamalarynyň netijesinde Aşgabat «Aziýanyň merjen şäheri» diýen ykrarnama eýe boldy we dünýäniň iň owadan, ýaşamak üçin amatly şäherleriniň birine öwrüldi. Häzirki döwürde Aşgabadyň binagärlik keşbini döwrebaplaşdyrmak, gözel paýtagtymyzy bagy-bossanlyga öwürmek, täze ýaşaýyş toplumlaryny gurmak, hereket edýän inženerçilik-tehniki ulgamlarynyň durkuny täzelemek, ýol-ulag düzümini ösdürmek ugrunda giň möçberli çäreler amala aşyrylýar. Ýurdumyzyň baş şäheri ajaýyp binagärlik çözgütleri bolan täze desgalaryň we kaşaň binalaryň gurulmagy bilen barha gözelleşýär. Şoňa görä-de, paýtagtymyzda özboluşly çözgütleriň durmuşa geçirilmegi, şol sanda sanly tehnologiýalaryň, inženerçilik-tehniki işläp taýýarlamalaryň ornaşdyrylmagy mundan beýläk-de möhüm ähmiýete eýe bolar» diýip belleýär. Günsaýyn ösýän, özgerýän, barha gözelleşýän paýtagtymyzda heniz 2013-nji ýylyň 25-nji maýynda, paýtagtymyzyň Maslahat köşgünde geçirilen dabaraly maslahatda Ginnesiň Bütindünýä rekordlary kitabynyň ýörite wekili paýtagtymyzyň halkara derejesinde ak mermere beslenen binalaryň köp sanlysyny özünde jemleýändigi boýunça hasaba alnandygy barada aýtdy. Şonuň ýaly-da taryhy maslahatyň dowamynda paýtagtymyzyň dolandyryş çäginiň giňligi, bu ugurda örän uly işleri durmuşa geçirenligi üçin Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowa «Türk-



menistanyň at gazanan arhitektory» diýen hormatly adyň dakylandygy şu günki ýaly ýadymyzda.

Türkmen halkynyň Milli Lideriniň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň öz çykyşlarynda häli-şindi belleýişleri ýaly, indi durmuşymyzy sanly tehnologiýanyň hyzmatyndan üzňe göz öňüne getirmegem mümkin däl. 2020-nji ýylyň 10-njy noýabrynda Gahryman Arkadaygymyzyň başlangyç-tagallasy bilen Aşgabat şäherinde gurlup, ulanmaga berlen täze ýaşaýyş jaýlarynda ilkinji gezek «akylly öý» taslamasynyň durmuşa geçirilendigi hemmeler üçin özbolușly täzelikdi. Şeýle wakadan köp wagt geçmänkä Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ak pata bermegi bilen gurlup ulanmaga berlen Arkadag şäheri ilkinji «akylly» şäher hökmünde hemmeleri haýrana goýdy. Elbetde, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň: «Biz «akylly» şäher we «akylly» ýaşaýyş jaý taslamalaryny üstünlikli durmuşa geçirmegi möhüm wezipeleriň hatarynda kesgitledik» diýip belleýşi ýaly, ýurdumyzda esasy täzelikleriň biri hökmünde şeýle ýokary durmuş amatlykly binalaryň ýeterlik derejede Garaşsyz Türkmenistanyň paýtagtynda hem gurlup ulanmaga berilýändigi bizi az begendirmäýär.

Halkymyzyň we döwletimiziň jebisligini, Garaşsyz Watanymyzyň ösüşlerini hem-de ýurdumyzyň milli ykdysadyýetiniň ösen ýokary derejesini we parahatçylyk söýüjilikli syýasatyny dabaralandyrýan merjen paýtagtymyzy hemmetaraplaýyn ösdürýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, amala aşyrýan beýik işleri rowaç bolsun!

***Jepbarguly GURBANOW,***
***Zöhre ROZYÝEWA,***
***S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymlary.***



# DÖWRÜŇ BEÝIK GUDRATYNA ÖWRÜLEN ARKADAG ŞÄHERI – BAGTYÝAR ÝAŞAÝŞYŇ ŞÄHERI

Ýewropanyň Hil barlaglary boýunça jemgyýetiniň hil baradaky baýragynyň we güwanamalarynyň eýesi, şeýle hem onuň hil dolandyryş ulgamynda ilerleýän başlangyçlary, gazanýan üstünlikleri üçin «Hil saýlawy — 2024» nyşany bolan «Diamond» derejesine mynasyp bolan lukmançylyk klasteriniň önümleri halkara derejesi babatda hasaba alnyp, olaryň haryt nyşany Bütindünýä intellektual eýeçilik Guramasynyň Halkara býurosynyň degişli güwanamasy bilen tassyklanylan, döwrüň häzirki zaman täzeçilliklerini özünde jemlän Arkadag şäheri binagärlik, ekologiýa derejesi boýunça hemmäni haýrana galdyrmak bilen «ýaşyl» tehnologiýalara esaslanýan, «akylly» şäher, hökmünde onuň ady-owazasy dünýä dolýar. Elbetde, iki tapgyrda gurluşygynyň amala aşyrylmagy göz öňünde tutulan Arkadag şäheri bagtyýar durmuşy başdan geçirmek bilen, onuň gurluşygy diňe bir Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanda däl, eýsem ol halkara derejesinde hem dünýä ýaň



salýar. Gahryman Arkadagymyzyň başlangyç-tagallasy, howandarlygy, atalyk aladalary, hemişelik gözegçiligi netijesinde gurlup örboýuna galdyrylýan, özem Döwlet ähmiýetli şäher atly aýratyn hukuk derejesine eýe bolan Arkadag şäheri häzirki wagtda Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň dowam etdirýän ägirt uly özgertmeleriniň anyk netijesi bolmak bilen, medeni-durmuş hem beýleki maksatly binalaryň 336-syny öz içine alýan, iň bir häzirki zaman awtoulag serişdeleri, şonuň ýaly-da elektromobiller bilen üpjün edilen, «Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň sebitinde durnukly, «ýaşyl», howa üçin oňaýly we innowasion çözgütli şäherleri ösdürmek» taslamasyna goşulýandygy baradaky Güwänama gowşurylan, häzirki wagtda ulgam boýunça öňde goýlan wezipeleriň üstünlikli çözülýän şäheri hökmünde hem hemmeleri haýrana galdyrýar.

Onda gurulýan milli hem ruhy jebisligi alamatlandyrýan täsin metjit binasy, metjidiň çäklerinde gurulýan awtoulag duralgalary, dürli maksatly tehniki desgalary, 10 gektar ýeri eýeleýän seýilgäh zolagy, suw çüwdürimler toplumy we beýlekileri her bir ynsanyň guwanjyny goşalandyrýar. Elbetde, umumy meýdany 34,5 gektara barabar bolan bu metjitde birbada 15 müň adam namaza durup, şeýle-de her biriniň beýikligi 104 metre ýetýän minaralaryň 4-si, şonuň ýaly-da üç gatdan ybarat kaşaň metjidiň golaýynda ýerleşen medrese, kitaphanalar, muzeý we beýleki ugurdaş binalar, namaz okaljak binalaryň gurluşygynda ulanylan dürli görnüşli tebigy serişdeler, mermer hem oniks bezeg daşlary onuň aýratyn bezegi hökmünde bu ýere gelenlere özüniň haýran galdyryjy, oňyn täsirini ýetirýär.

Şeýle üýtgeşik, owadan şähere Gahryman Arkadagymyzyň iş saparlaryny yzygider amala aşyryp, onuň dokuzynyň hemmetaraplaýyn düzüw, iň



bir kämil şäher bolmagy babatda ähli tagallalary edýändigi, şonuň üçin bu ýerde işleriň birkemsiz ýerine ýetirilýändigi, şeýle hem täze, häzirki zaman Arkadag şäheriniň şähergurluşygyň toplumlaýyn ulgamyny öz içine alýandygy, onuň tapgyrlaýyn dowam etdiriljek gurluşygynda säwliklere ýol berilmezligi üçin esas bolup hyzmat edýär. Häzirki zaman ylmynyň, döredijiliginiň, gözelliginiň, sahawatlylygyň, ruhubelentliginiň, möhüm we diýseň ähmiýetli mümkinçiliklerini, okgunly ösüşlerini öz içine alýan häzirki zaman şäheriniň mysalynda bütin ýurdy ösdürmäge, Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň ykdysady kuwwatyny artdyrmaga, eziz Diýarymyzyň raýatlarynyň durmuş derejesini yzygider ýokarlandyrmaga uly üns berilýän ýurdumyzda bu şäheriň «Arkadag» teleýaýlymynyň, «Arkadag» gazetiniň redaksiýasynyň, şeýle-de «Arkadag» futbol toparynyň hereket edýändigi Milli Liderimiziň örän adalatly belleýşi ýaly: «Bu «akylly» şäheriň innowasion taslamasy dünýäniň we milli binagärligiň, bezegiň, tehnologik üpjünçiligiň iň gowy nusgasyny özünde jemleýär» diýsek, biziň bu pikirimizi hemmeler goldar.

Ýaňy-ýakynda gazetlerimiziň biriniň sahypasynda Arkadag şäheriniň täze ýaşaýjysy, ýaş ýigit: «Men ýerdäki jennetde ýaşaýaryn» diýip makala ýazdy. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow: «Arkadag şäheri berkarar döwletimiziň gazanýan üstünlikleriniň aýdyň mysalydyr. Täze şäher häzirki zamanyň ýaşamak we işlemek, dynç almak üçin iň amatly, kämil şäherleriniň biri boldy» diýip, munuň hakykatdan hem şeýledigini tassyklady. «Bagtyýar ýaşaýşyň şäheri», «Akylly» durmuşyň infrastrukturasy», «Arkadag şäheri — halkara hyzmatdaşlygyň ilerleýän mekany», «Akylly» şäheriň innowasion mümkinçilikleriniň nusgasy», «Bagtyň waspy» diýip atlandyrylýan «akylly» şäher bolsa gözellik babatda adamlary haýrana galdyrmagy dowam etdirýär.

Dogrudanam giň mümkinçilikleriň şäheri hökmünde baha berilýän bu şäherde möhüm ähmiýetli wakalar edil altyn-kümüşden ýasalan kökenli ýüzük ýaly, hemmeleriň ünsüni özüne çekýär. Okgunly ösüşleriň, bagtyýar durmuşyň badalgasy hökmünde ynsanperwerligiň nusgasy bolup örboýuna galan bu şäher häzirki wagtda halkara hyzmatdaşlygynyň mekanyna öwrülen ullakan bir köşgi-eýwany ýada salýar. Diýmek, türkmen halkynyň göz guwanjyna, milli buýsanjyna öwrülen bu şäheriň ýaşaýjylarynyň, esasan, ýaşlardygyny, heniz onuň ikinji tapgyrynyň gurluşygynyň hem dowam etdirýändigini hasaba alsak, onda onuň gözelliginiň mundan beýläk hem artjakdygyna şübhe ýokdur.

Gözelligiň älemgoşar öwüşginini özünde jemlän, bagtyýar durmuşyň münberine, ýaşaýyş durmuşynyň joşgunly ummanyna öwrülen bu şäherde jennetiň howasyna «Gaýra dur!» diýdirýän ahwalaty görmek bolýar. Türkmenistanyň at gazanan arhitektory Gahryman Arkadagymyzyň akylpaýhasynyň önümi bolan bu şäherde «Döwrüň beýik gudraty» diýen ada mynasyp bolmak bilen, şäheriň ýaşaýjylarynyň ýüztutmalary, haýyşlary göz öňünde tutulyp, Çeperçilik haly kärhanasy, Oba hojalyk uniwersitetiniň we ylmy-barlag institutlarynyň täze binalar toplumy gurlup, kämil derejeli hünärmenleri taýýarlaýan ýokary okuw mekdebi, ylmy-barlag institutlary bolan döwrebap oba hojalyk şäherçesi dörediler. Arkadag şäheriniň dolandyryş çäklerini giňeltmek maksady bilen, Gökdepe etrabyndan 102, Aşgabat şäherinden hem 17 gektar ýer «akylly» şäheriň dolandyryş çägine geçirildi. Halkara güwänamalarynyň onlarçasyna mynasyp bolan Arkadag şäheriniň gurluşygynyň ikinji tapgyrynda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda hem-de Milli Liderimiziň yzygider goldaw bermeginde gurluşyklar giň gerimde alnyp barylýar. Elbetde, hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, okgunly ösüşleriň, döwrüň bagtyýarlygynyň simwolyna öwrülen, enteklerem giň gerimli gurluşyklar dowam etdirilýän «akylly» şäher bolan «Arkadag şäheri döwrebap desgalary bilen taryhymyzyň altyn sahypalaryna ýazylar».

***Batyr ÇARYÝEW,***
***Türkmenistanyň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky baş akademiki drama teatrynyň sahna ussady, Türkmenistanyň at gazanan artisti.***

# ÜNS BERIŇ, BÄSLEŞIK!

***2026-njy ýylyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýyly diýlip yglan edilmegi hem-de mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 35 ýyllygy mynasybetli Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň «Türkmenistanyň senagaty» žurnalynyň redaksiýasy we ministrligiň Kärdeşler arkalaşygynyň ilkinji guramasy tarapyndan guralýan ministrligiň hem-de Türkmenistanyň Gurluşyk we senagat toplumynyň beýleki ministrlikleriniň hem-de pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň we olaryň garamagyndaky edara-kärhanalaryň, guramalaryň işgärleriniň, okuw mekdepleriniň mugallymlarynyň we talyplarynyň arasynda geçirilýän iň gowy goşgularyň hem makalalaryň «Bedew batly, belent maksatly Watan!» atly döredijilik bäsleşiginiň***

## DÜZGÜNNAMASY

**Bäsleşigiň maksady:**

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylyny hem-de mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 35 ýyllygyny dabaralandyrmak, bu şanly ýylda Gahryman Arkadagymyzyň öňdengörüjilikli başlangyçlary bilen hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzda durmuşa geçirilýän beýik işleriň, berkarar döwletimiziň bedew batly ösüşleriniň, ynsanperwerlik, dost-doganlyk ýörelgeleriniň mazmunyny açyp görkezmek we wagyz etmek hem-de ata Watanymyzyň ösüşlerine mynasyp goşant goşýan işgärleri höweslendirmek, olaryň döredijilik ukyplaryny kämilleşdirmek maksady bilen, Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň «Türkmenistanyň senagaty» žurnalynyň redaksiýasy ministrligiň Kärdeşler arkalaşygynyň ilkinji guramasy bilen bilelikde ulgamda zähmet çekýän işgärleriň arasynda «Bedew batly, belent maksatly Watan!» atly döredijilik bäsleşigini yglan edýär

**Bäsleşigiň şertleri we geçişi:**

Bäsleşik aşakdaky ýaly ugurlar boýunça geçirilýär:
— goşgy ýazmak;
— makala ýazmak.

Bäsleşige hödürleniljek işlerde (goşgularda, makalalarda) Milli Liderimiziň taýsyz tagallalary bilen we hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzda alnyp barylýan beýik işler, Garaşsyzlyk ýyllarynda gazanylan üstünlikler we ýetilen belent sepgitler, milli buýsanjymyz bolan ahalteke bedewleriniň şöhratly taryhy, häzirki döwürde behişdi bedewlerimiziň at-abraýyny ýokary götermek boýunça amala aşyrylýan işler wasp edilmelidir.

«Bedew batly, belent maksatly Watan!» atly döredijilik bäsleşigine Türkmenistanyň Gurluşyk we senagat toplumynyň ministrliklerinde we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynda hem-de olaryň edara-kärhanalarynda, guramalarynda işleýän işgärler, okuw mekdepleriniň mugallymlary we talyplary goşgularyny ýa-da makalalaryny «Bedew batly, belent maksatly Watan!» atly döredijilik bäsleşigine» diýen ýazgy bilen «Türkmenistanyň senagaty» žurnalynyň redaksiýasyna (Aşgabat şäheri, Arçabil şaýoly, 132-nji jaý, Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrligi) ýa-da elektron salgysyna (senagat.

tm@gmail.com) ýollap bilerler. Awtorlar redaksiýa ugradýan işlerine özleri baradaky maglumatlary (işleýän ýa-da okaýan ýeriniň ady, salgysy, telefon belgisi) hem goşmalydyrlar.

Bäsleşige hödürlenen goşgulara, makalalara ýörite düzülen eminler topary tarapyndan seredilýär hem-de baş baýraga, goşgy ýazmak boýunça 1-nji, 2-nji, 3-nji ýere we makala ýazmak boýunça 1-nji, 2-nji, 3-nji ýere mynasyp bolan adamlar kesgitlenilýär. Bäsleşige iberilen iň gowy goşgular, makalalar «Türkmenistanyň senagaty» žurnalynda çap ediler hem-de onuň ýeňijileri Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň, şu ministrligiň Kärdeşler arkalaşygynyň ilkinji guramasynyň Hormat hatlary we sowgatlary bilen sylaglanar.

«Bedew batly, belent maksatly Watan!» atly döredijilik bäsleşigine gatnaşmaga isleg bildirýän işgärler öz işlerini 2026-njy ýylyň 15-nji sentýabryna çenli «Türkmenistanyň senagaty» žurnalynyň redaksiýasyna ugratmalydyrlar hem-de olaryň ýanyna özleri hakyndaky maglumatlary goşmalydyrlar. Bäsleşik 2026-njy ýylyň 20-nji sentýabrynda jemlener.

«Bedew batly, belent maksatly Watan!» atly döredijilik bäsleşiginiň Düzgünnamasy we jemi baradaky maglumat «Türkmenistanyň senagaty» žurnalynyň sahypalarynda çap ediler hem-de «Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrligi» atly saýtda ýerleşdiriler.



## Menzilgähim — at-myradyň mekany

Sazanda sen, dünýäm, çalýaň täsin heň,
Günlem gowy, gör-ä, bolsady eken,
Gabadyna baryp, duruberdim men,
Senli pursatlaň.

Atam öwüt berýär, uýýaryn pende,
«Seni söýýän» diýsem, dagda ýaňlanýar.
Periler mesgeni Kaşgar dagynda —
Jeýhun gözbaşynda Gyzylsuw derýaň.

Düme ekdim dag etegne, boz ýere,
Dada geldim sytgym baglap esere,
Gündogaryňda bar Ýolbarslydere,
Günbataryň welin, Babadag, obam.

Jeýhun badalgasy öýmüziň ýany,
Munda sanýetmezdir ýyldyzlaň sany,
Ýyldyz dagy Göroglynyň mekany,
Hemem tilkiguýruk säheriň-sabaň.

Sen dursuň, men durun,
Aramyz bar bir garyş,
Şygryýete sary edýäris ýöriş,
Hemem kalp törüne girip barýarys —
Uly dünýäniň.

Hanha Kaýy, Baýýat, Atil, Gün hany,
Bir menzilden bakýar Kynygyň baýy,
Dag etegi seret, arnap tokaýy,
Daraýy, Dim-Dik bar, giden bir many.

Arkadagly Gahryman Serdarly başly,
Ýeri bereketli, gögi Kuýaşly,
Kän menziller geçdi, otuz bäş ýaşly,
Bedew batly at-myradyň mekany.

*«Bedew batly, belent maksatly Watan» atly döredijilik bäsleşigine*

# Watana

Heňňamlaryň köki çuňdur, eýýamlar ýöredýär hökmün,
Peder taryhyn öwrendim, çuňluklara gözüm dikdim,
Ene ýeri ýumşatdym-da, dökün berdim, derim dökdüm.
Meniň söýgim başlanandyr bereketli topragyňdan.

Dagda-düzde, tekiz ýolda «sen» diýipler menzil aşdym,
Ýamanlara ýanaşmadym, olardan arany açdym,
Hem saňa ynandym, Watan, saňa ýüregimi açdym,
Ömrümi-örküm bagladym bereketli topragyňa.

Gör-ä, munda suwun içdim. Her gün noş eýläp gülapdan,
Roýum ýuwdum, güzer kyldym, jismimni päkläpler ýapdan,
Barymy berdim ilime, saňa sygnyp bähre tapdym,
Ýollar geçdim, menzil aşdym ýüzüm sürtüp kökleriňe.

Çar tarapym Erem bagy. Şygra saldym onuň durkun,
Ýaz ýakymly, dünýä hoşroý, diýseň gözel seniň görküň,
Sen walidam hem pederim, baglanypdyr ömür-örküm.
Sen ene, sen ata, dünýäm, sen deý mährem tapmaryn-a.

Göwün dünýämiz deý gözel, derýaň suwy barýar akyp,
Ýagmyr-baran ýagýar boldan, gökde ýyldyrymlar çakyp,
Durmuş ülňülerni derňäp, ylhamlanyp size bakyp,
Içim dökýän, arzym aýdýan bir pedere, birem saňa.

Syýa zülpüň aňrysyndan, bakýaň göýä buldy ýaryp,
Toý toýlaýas ýedi günläp, toýmuza gelýär halaýyk,
Akyp ýatyr dag derýasy, Garagumum lälezarlyk,
Döwran döndi Bahry-Hazar arasyna, Garaguma.

Uly durmuş. Giden şaýol. Dagyň etegi gülzarlyk,
Öňde Arkadagly Serdar! Bize mälim ýele hem yk,
Dünýä deýin Arkadag bar, biz oňa edýäris gulluk,
Uly dünýä barýan ýolda gaýymdyryn hyzmatyňa,
Janym-jismim gurban düşün, eý, eziz Watanym, saňa!
Arkadagly Watan içre barýas öňe, diňe öňe,
Ylham joşýar, gulluk edýäs Watanyma, Watan saňa.



**Abdylhalyk JUMADOW,**
**«Türkmenistanyň senagaty» žurnalynyň baş hünärmeni.**

## Berkarar döwletiň aýdyň ýolunda!

Külli türkmen ýetdi egsilmez bagta,
Berkarar döwletiň aýdyň ýolunda!
Öňe barýas Gahryman Serdar bile –
Berkarar döwletiň aýdyň ýolunda!

Garaşsyzlyk – bu türkmeniň ganaty,
Bitaraplyk – Watanmyzyň zynaty,
Ösüşdendir her bir güni, sagady –
Berkarar döwletiň aýdyň ýolunda!

Arkadagmyz her bir işde görelde,
Hemem aýdanlary bize ýörelge!
Jahan haýran bu Watany görende –
Berkarar döwletiň aýdyň ýolunda!

Bu gün türkmen ýaýlalary görkana,
Ýaşaýarys şat durmuşda erkana,
Alkyş aýdýas Arkadagly Serdara,
Berkarar döwletiň aýdyň ýolunda!

Ýaşulyň, ýaşkiçiň belent sarpasy,
Bu türkmeniň Arkadagdan arkasy,
Şöhratlydyr halkyň şu gün-ertesi,
Berkarar döwletiň aýdyň ýolunda!

**Myrat GURBANOW,**
**Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrliginiň Seýsmiki ýagdaýa durnukly gurluşyk ylmy-barlag institutynyň Aspirantura bölüminiň baş hünärmeni, Ilkinji ýaşlar guramasynyň başlygy, Türkmenistanyň Ýaşlar baýragynyň eýesi.**

## Arkadag şäherniň köşk binalary

Ile eşret, bagtyýarlyk paýlaýar,
Arkadag şäherniň köşk binalary.
Gözelligin görüp gözler ganmaýar,
Arkadag şäherniň köşk binalary.

Ak binalar ak bulut deý enaýy,
Arkadag binasy zeminiň Aýy!
Gurulýar, köpelýär gün geldik saýy,
Arkadag şäherniň köşk binalary.

Baş binagär alym Arkadagymyz,
Arkadagly Gahryman Serdarymyz,
Gülzara öwrüldi oba-kentlermiz —
Arkadag şäherniň köşk binalary.

Döwrüň binagäri, döwrüň Danasy,
Ýurduň howandary, iliň saýasy,
Arkadagyň ak mermerli gaýmasy,
Arkadag şäherniň köşk binalary.

Bir-birinden kaşaň köşgi-eýwanlar,
Haýran galýar myhman bolup gelýänler,
Geljegmize kepil bolup durýandyr,
Arkadag şäherniň köşk binalary.

**Amangeldi ORAZOW,**
**Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň uly mugallymy,**
**Türkmenistanyň hormatly il ýaşulusy.**





# TÄZE KONSEPSIÝA — SANLY ÖSÜŞIŇ MÖHÜM TAPGYRY

***Ýurdumyzda sanly ykdysadyýete geçmek bilen bagly öňde goýlan wezipeleriň tapgyrlaýyn durmuşa geçirilmegi gündelik işi we ýaşaýşy has-da ýeňilleşdirýär. Elektron hyzmatlar ulgamy, tehnologiýalar ähli ugurda adamzat jemgyýetiniň durmuş guralyna öwrülýär. Günsaýyn ýüze çykýan täzeçillikler bolsa dünýäde sanly taslamalaryň ösüş-özgeriş depgininiň barha ýokarlanýandygyny tassyklaýar. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzda bu ugry ösdürmegi döwür bilen aýakdaş dowam etdirmäge, munuň üçin zerur şertleri üpjün etmäge uly üns berilýär. 2025-nji ýylyň 8-nji oktýabrynda kabul edilen «Türkmenistanda 2026 — 2028-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasy» hem sanlylaşdyrmak işini ilerletmegiň nobatdaky tapgyry bolup, ol bu barada öňde goýlan maksatlara ýetmäge gönükdirilendir.***

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwri milli ykdysadyýetiň ähli pudaklarynda sanly ulgamy, «akylly» we «ýaşyl» tehnologiýalary ornaşdyrmak, ýurdy senagat taýdan ösdürmek, emeli aňyň mümkinçiliklerinden peýdalanmak, ýaşlaryň aň-bilim başarnyklary ýaly ugurlar bilen häsiýetlendirilýär. Arkadagly Gahryman Serdarymyz ýurdumyzda milli ykdysadyýete sanly ulgamy ornaşdyrmak boýunça işleriň durmuşa geçirilmegine, elektron hökümet ulgamyny ösdürmäge uly üns gönükdirýär. «Türkmenistanda 2019 — 2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasy» hem-de bu resminamadan gözbaş alýan «Türkmenistanda 2021 — 2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy» we ony durmuşa geçirmek boýunça amala aşyrylmaly çäreleriň Meýilnamasy ýurtda ylmy-tehniki we tehnologiki ösüşi öňe ilerletmekde, bu ugurda özgertmeleriň yzygiderli durmuşa geçirilmeginde, döwletimiziň binýatlaýyn esaslaryny döwrebaplaşdyrmakda we berkitmekde möhüm ugur boldy. Bu resminamalarda bellenen wezipeleri amala aşyrmagyň dowamynda sanly tehnologiýalar ulgamy üçin işgärleri taýýarlamak, öýjükli aragatnaşygy, innowasion ýokary tehnologiýaly, bäsdeşlige ukyply sanly ykdysadyýeti ösdürmek, şol sanda sanly bilim ulgamyny kämilleşdirmek ugrunda guwandyryjy işler geçirildi. Berkarar döwletimizde kabul edilen we üstünlikli durmuşa geçirilýän «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 — 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynyň», «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 — 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynyň» baş ugry hem bilime, innowasiýalara, sanly çözgütlere daýanýan ykdysady ösüşiň durnukly depginini üpjün etmek bolup durýar.

Hormatly Prezidentimiziň 2025-nji ýylyň 8-nji

**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**
**— Sanly ykdysadyýetiň ösdürilmegi ähli pudaklarda işleri ýokary derejede alyp barmakda we durmuş-ykdysady amatlyklary döretmekde uly ähmiýete eýedir.**

oktýabryndaky degişli Karary bilen «Türkmenistanda 2026 — 2028-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasynyň» tassyklanmagy, bu ugurdaky işleriň nobatdaky tapgyryna badalga berlendigini alamatlandyryp, kalbymyzy buýsandyrdy. Bu Konsepsiýanyň esasy maksady sanly infrastrukturany ösdürmek, döwlet edaralarynyň, ykdysadyýetiň ähli pudaklarynyň netijeli ösmegi üçin amatly şertleri döretmek, öňdebaryjy önümçilik tehnologiýalaryny dolanyşyga we kanunçylyga ornaşdyrmak arkaly ýurdumyzyň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak wezipelerinden ugur alýar. Bu resminama ýurdumyzyň geljekki sanly ösüşiniň ugurlaryny kesgitleýär.

Şeýle hem hormatly Prezidentimiz 2026-njy ýylyň 10-njy ýanwarynda sanly ulgam arkaly geçiren Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisiniň dowamynda «Türkmenistanda 2026 — 2028-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasyna» laýyklykda taýýarlanan ýurdumyzda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Döwlet maksatnamasyny hem-de ony amala aşyrmak boýunça ýerine ýetirilmeli çäreleriň Meýilnamasyny tassyklaýan degişli Karara gol çekdi. Bu täze möhüm resminamalar ýurdumyzyň ägirt uly serişde hem önümçilik mümkinçiliklerine esaslanýan sanly ykdysadyýetiň kuwwatly ösmegi üçin «ýol kartasy» bolup hyzmat eder. Bularyň ählisi sanly ykdysadyýete geçmäge, milli emeli aň strategiýasyny taýýarlamaga, pudaklarda emeli aň bilen bagly tehnologiýalary ornaşdyrmaga we kämilleşdirmäge, bu ugurda hünärmenleri taýýarlamaga, olaryň hünär derejesini yzygiderli ýokarlandyrmaga ýardam berer.

Bu namalar maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalary ulgamynyň ozalky ösüş ugurlaryny täze derejelere çykarmak bilen birlikde, geljegi uly möhüm innowasiýalaryň durmuşa geçirilmegini hem göz öňünde tutýar. Olaryň maksady, esasan, ykdysadyýetiň pudaklarynyň, önümçilik hem-de hyzmatlar ulgamlarynyň sanly şertlerini düýpli kämilleşdirmekden ybaratdyr. Muňa söwda-işewürlik gatnaşyklary hem-de raýatlar üçin dörediljek täze amatlyklary-da goşmak bolar. Şunuň bilen baglylykda, maglumat geçiriş torlaryny döwrebaplaşdyrmak we aragatnaşygyň 5G tehnologiýasynyň gerimini giňeltmek göz öňünde tutulýar. Mundan başga-da, täze Konsepsiýa elektron hökümeti, sanly bilim we ylym ulgamlaryny, sanly lukmançylygy ösdürmek, emeli aň we bulut tehnologiýalaryny, maliýe tehnologiýalaryny giňden ornaşdyrmak ýaly ugurlary öz içine alýar.

Sanly ulgamlaryň iň depginli ösýän görnüşleriniň hatarynda emeli aň tehnologiýalaryny aýratyn bellemek gerek. Bu ulgam ykdysadyýeti kadalaşdyrmak bilen, işleri awtomatlaşdyrýar. Köp sanly maglumatlary dessin seljermegiň netijesinde, kabul edilýän çözgütleriň tiz wagtda amal edilmegine ýardam edýär, önümçiligiň, işewürligiň netijeliligini artdyrýar. Şunuň bilen bilelikde, bulut tehnologiýalaryny ösdürmäge-de uly ähmiýet berilmegi IT infrastrukturanyň çykdajylaryny azaltmakda peýdalydyr. Bulut tehnologiýalary wirtual serwerleri ulanmak bilen, işleri talaba laýyk dolandyrmaga mümkinçilik berýär.

Bu Konsepsiýa döwlet maksatnamalary we geljek üçin niýetlenen meýilnamalar bilen bir bitewi sazlaşygy emele getirip, ähli pudaklardaky tehnologik özgertmeler, sanly ösüşler, olaryň döwlet tarapyndan dolandyrylyşy boýunça täze sahypany açar.

***Döwran KURBANOW,***
***Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň Sanly ulgamy we elektron senagatyny ösdürmek müdirliginiň başlygy.***



# ZÄHMETI GORAMAK — ADAM HAKDAKY ALADA

Adam hakdaky alada ýurdumyzyň döwlet syýasatynyň esasy özenini düzýär. Onuň giň we düşnükli mazmunda berlen aýdyň manysy Milli Liderimiziň «Döwlet adam üçindir!» we hormatly Prezidentimiziň «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen parasatly ýörelgelerinde jemlenendir. Ýurduň zähmeti goramak hakyndaky resminamalarynda hem adam hakdaky içgin alada öz aýdyň beýanyny tapýar. Mälim bolşy ýaly, zähmeti goramak – bu hukuk, durmuş-ykdysady, guramaçylyk-tehniki, sanitariýa-arassaçylyk, bejeriş-öňüni alyş, dikeldiş we howpsuz zähmet şertlerini üpjün etmäge gönükdirilen beýleki çäreleri, serişdeleri we usullary öz içine alyp, zähmet çekmegiň barşynda işgärleriň ömrüniň we saglygynyň howpsuzlygyny üpjün edýän ulgamdyr.

Döwlet zähmeti goramak babatda işgärleriň hukuklaryny goramagy kepillendirýär hem-de bu ugurdaky işleri guramagy üpjün edýär, zähmeti goramak boýunça talaplaryň berjaý edilmegine gözegçilik barlagyny geçirýär we gözegçiligi amala aşyrýar. Şeýle hem Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň bozulmagy üçin jogapkärçiligi belleýär.

Işgärleriň zähmet şertleri zähmeti goramagyň talaplaryna laýyk gelmelidir. Ähli edara-kärhanalarda howpsuzlygyň we arassaçylygyň kadalaryna laýyk gelýän zähmet şertleri döredilmelidir. Şeýle şertleri döretmek iş berijiniň borjuna degişlidir. Zähmeti goramak boýunça talaplar Türkmenistanyň Zähmet kodeksi we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary, şeýle hem tehniki standartlar bilen bellenilýär. Iş beriji Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenilen tertipde zähmeti goramagyň talaplarynyň bozulmagyna jogapkärçilik çekýär.

Önümçilik işini amala aşyrýan işgärleriniň sany elliden köp bolan her bir kärhanada zähmeti goramagyň talaplaryny ýerine ýetirmegi üpjün etmek, şolaryň gözegçiligini amala aşyrmak maksady bilen, kärhanada zähmeti goramak gullugy döredilýär.

Zähmet kanunçylygynda lukmançylyk gözegçiligi hem esasy ugurlaryň biridir. Iş beriji özüniň hususy serişdeleriniň hasabyna işgärleriň deslapky (zähmet şertnamasy baglaşylanda) we döwürleýin işiň barşynda lukmançylyk gözegçiligini guramaga borçludyr.

Amatsyz zähmet şertleri bolan we beýleki işlerde deslapky hem döwürleýin lukmançylyk gözegçiligi geçirmegiň tertibi we şol işleriň sanawy Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenilýär. Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 187-nji

maddasynyň 1-nji böleginde görkezilen işgärleriň lukmançylyk gözegçiliginden geçmekden boýun gaçyrmaga haky ýokdur. Lukmançylyk gözegçiliginden geçmekden boýun gaçyran işgärleri ýa-da lukmançylyk toparlary tarapyndan barlaglaryň netijesi boýunça olaryň beren maslahatlaryny ýerine ýetirmekden ýüz öwren işgärleri iş berijiniň işe goýbermezlige haky bardyr.

Işgär iş şertleri bilen baglylykda öz saglyk ýagdaýyny ýaramazlaşýar diýip hasap etse, onuň nobatdan daşary lukmançylyk gözegçiliginiň geçirilmegini talap etmäge, işe girende deslapky we zähmet işiniň dowamynda döwürleýin lukmançylyk gözegçiligi geçirilende, şolaryň netijeleri boýunça özüniň saglyk ýagdaýy barada gelnen netije hakynda maglumat almaga hukugy bardyr.

Işgärler lukmançylyk gözegçiliginden geçmek bilen baglanyşykly çykdajylary tölemeýärler. Ýokarda görkezilen işgärler toparlary üçin her ýylky hökmany lukmançylyk gözegçiligi iş berijiniň serişdeleriniň hasabyna ortaça aýlyk hakynyň saklanyp galmagy bilen, iş wagtynda geçirilýär.

Zyýanly we howply, aýratyn howply zähmet şertleri bolan işlerde, şeýle hem hapalanmak bilen baglanyşykly ýa-da aýratyn temperatura şertlerinde ýerine ýetirilýän işlerde işleýän işgärlere Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde tassyklanylýan kadalara laýyklykda güwälendirilen



hususy gorag serişdeleri, ýuwup aýyrýan we zyýansyzlandyrýan ýa-da ýokançsyzlandyrýan serişdeler berilýär.

Işgärler bilen zähmeti goramaga gözükdirmäniň geçirilmegi we onuň kadalarynyň öwredilmegi hem hökmany hasaplanylýar. Iş berijiniň üstüne işgärleri tehniki howpsuzlyk, önümçilik sanitariýasy, ýangyna garşy gorag we zähmeti goramagyň beýleki düzgünleri boýunça gözükdirmäni geçirmek, şeýle hem zähmeti goramak boýunça ähli talaplaryň işgärler tarapyndan berjaý edilişine hemişelik gözegçiligi amala aşyrmak wezipesi ýüklenilýär. Iş beriji işgärleriň zähmeti goramagyň kadalarynyň we olaryň bilimleriniň barlagyny geçirmäge borçludyr. Okuwy, gözükdirmäni geçmedik we zähmeti goramak boýunça bilimleri barlanmadyk adamlary işe goýbermek gadagandyr.

Şeýle hem iş beriji ýa-da onuň ygtyýarly eden adamy işleýän ähli adamlar üçin zähmeti goramak boýunça gözükdirme geçirmäge, işleriň howpsuz usullarynyň, tärleriniň öwredilmegini we heläkçilik çekenlere ilkinji kömegiň berilmegini guramaga borçludyr.

Adam hakdaky aladanyň we zähmet goraglylygynyň döwletimiziň alyp barýan syýasatynyň esasy ugry bolup durýandygyny göz öňünde tutup hemde zähmeti goramak işiniň guralyşyna bildirilýän talaplaryň esasynda Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň Zähmeti goramak we tehniki howpsuzlyk bölümi tarapyndan Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň we beleki kadalaşdyryjy namalara laýyklykda, ähli zerur işler geçirilýär. Ol işler önümçilikde betbagtçylykly ýagdaýlaryň döremeginiň öňüni almakdan, adamyň janyny we saglygyny goramak üçin işleriň howpsuz şertlerini döretmekden, işgärleriň ömrüniň hem saglygynyň howpsuzlygyny üpjün etmekden ybaratdyr.

***Alek SEÝIDOW,***
***Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň Zähmeti goramak we tehniki howpsuzlyk bölüminiň başlygy.***

# DAŞKY GURŞAWY GORAMAK WE EKOLOGIÝA HOWPSUZLYGYNY ÜPJÜN ETMEK BARADA DÖWLET TALAPLARY



**Ýurdumyzyň tebigy baýlyklaryny we gözelligini aýawly saklamak hem-de artdyrmak, daşky gurşawy, ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowylandyrmak, ekologiýa ykdysady ugurly ykdysadyýeti, bäsdeşlige ukyply önümçiligi ösdürmegiň döwrebap nusgasyny döretmek Türkmenistanyň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Gahryman Arkadagymyzyň durnukly ösüşi we ekologiýa abadançylygy üpjün etmek barada başyny başlan beýik işlerini häzirki wagtda Arkadagly Gahryman Serdarymyz mynasyp dowam etdirýär.**

Eziz Diýarymyzyň çäginde tebigaty goramak boýunça wezipeleri amala aşyrýan edaralar döredilip, daşky gurşawy goramagyň milli kanunçylyk ulgamynyň binýady düýpli berkidildi. Häzirki wagtda Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrligi aýratyn goralýan tebigy ýerlere gözegçilik etmek, ekologik abadançylygy pugtalandyrmak, bu ugurda halkara hyzmatdaşlygyň işjeňligini gazanmak boýunça möhüm işler amala aşyrýar. Her bir adamyň sagdyn daşky gurşawda ýaşamaga bolan hukugyny ykrar etmek ýurdumyzyň konstitusion kadalaryna öwrüldi.

Hormatly Prezidentimiziň häzirki zamanyň möhüm hukuk, ykdysady we ekologiýa meselelerini çözmegi gazanmak, halkyň tagallalaryny bir maksada gönükdirmek bilen bagly alyp barýan strategik başlangyçlary tutuş ynsanyýetiň bähbitlerini utgaşdyryp, durnukly ösüş maksatlaryna ýetmekde möhüm ähmiýete eýedir.

Türkmenistanyň geoykdysady we geosyýasy ýerleşişiniň amatlyklaryndan peýdalanmak, daşky gurşawy goramak, ekologik abadançylygy üpjün etmek, ähli ugurlarda «ýaşyl» ykdysadyýeti ösdürmek maksatlary onuň esasy wezipeleriniň hatarynda kesgitlendi. Ýurdumyzda kabul edilen durmuş-ykdysady we pudaklaýyn maksatnamalarda, durmuşa geçirilýän taslamalarda ekologik abadançylyga aýratyn üns berilýär. Täze önümçilik toplumlarynyň gurluşygynda, ozal bar bolan desgalar döwrebaplaşdyrylanda öňdebaryjy tehnologiýalar, daşky gurşawda zyýany aradan aýyrmaga mümkinçilik döredýän tehniki çözgütler ulanylýar. Şeýlelikde, ýokarda bel-



lenilenlerden ugur alnyp, daşky gurşawy goramak we ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek babatda döwlet talaplary kesgitlendi.

«Daşky gurşawy goramak we ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek babatda döwlet talaplaryny tassyklamak hakynda» Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministriniň 2023-nji ýylyň 15-nji dekabrynda çykaran buýrugy bilen kesgitlenildi. Daşky gurşawy goramak we ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek babatda döwlet talaplary «Ekologiýa auditi hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 11-nji maddasynyň 3-nji bendine laýyklykda işlenip taýýarlanyldy we Türkmenistanda daşky gurşawy goramak we ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça döwlet talaplaryny bellemegiň tertibini kesgitleýär.

Daşky gurşawy goramak we ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek babatda iş alyp barýan, şeýle hem «Ekologiýa auditi hakynda» Türkmenistanyň Kanunynda bellenen ekologiýa auditiniň subýektleri hasaplanýan ýuridik we fiziki şahslar tarapyndan şu döwlet talaplarynyň kadalarynyň ýerine ýetirilmegi hökmanydyr.

Daşky gurşaw - ýeri, topragy, ýerasty baýlyklary, suwlary, tokaýlary, ösümlik we haýwanat dünýäsini, tebigy ekologik ulgamlary, atmosfera howasyny, klimaty hem-de Ýeriň ozon gatlagyny goşanyňda tebigy obýektleriň özara hereketindäki jemidir.

Daşky gurşawy goramak diýip, döwlet, häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň, jemgyýetçilik birleşikleriniň, ýuridik we fiziki şahslaryň ýeri, topragy, ýerasty baýlyklary, suwlary, tokaýlary, ösümlik we haýwanat dünýäsini, tebigy ekologiýa ulgamlary, atmosfera howasyny, klimaty hem-de Ýeriň ozon gatlagyny gorap saklamaga we dikeltmäge, tebigy serişdeleri rejeli peýdalanmaga hem gaýtadan dikeltmäge, hojalyk we beýleki işleriň daşky gurşawa ýetirjek ýaramaz täsiriniň öňüni almaga we olary aradan aýyrmaga gönükdirilen işleriň jemine düşünilýär.

Ekologiýa howpsuzlygy – munuň özi hojalyk we beýleki işiň, tebigy hem tehnogen häsiýetli adatdan daşary ýagdaýlaryň mümkin bolaýjak ýaramaz täsirinden daşky gurşawyň, ilatyň durmuşynyň we saglygynyň goraglylygynyň ýagdaýydyr.

Döwlet talaplary diýlip, daşky gurşawy goramak babatda Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen bellenilen hojalyk we beýleki işlere bildirilýän ýerine ýetirilmegi hökmany bolan talaplara, çäklendirmelere hem gadaganlyklara aýdylýar.

Daşky gurşawy goramak babatda gözegçilik - daşky gurşawy goramak babatdaky Türkmenistanyň kanunçylygynyň bozulmagynyň öňüni almaga, ýüze çykarmaga we oňa ýol berilmezlige, hojalyk we beýleki işiň subýektleri tarapyndan ekologik talap-



laryň berjaý edilmegini üpjün etmäge gönükdirilen çäreleriň ulgamydyr.

Ekologiýa auditi - daşky gurşawy goramak we ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek babatda Türkmenistanyň kanunçylygynyň, kada görkezijileriniň, kadalaşdyryjy resminamalaryň hem-de standartlaryň talaplarynyň, şeýle-de halkara ekologik kada görkezijileriniň we standartlarynyň talaplarynyň hojalyk hem-de beýleki işiň subýekti tarapyndan berjaý edilişine garaşsyz, toplumlaýyn, resminamalaşdyrylan baha berilmegi, işiň ýagdaýy barada netijenamalaryň we ony gowulandyrmak boýunça teklipleriň taýýarlanylmagydyr.

Ekologiýa seljermesi - meýilleşdirilýän hojalyk we beýleki işiň daşky gurşawa we ilatyň saglygyna edip biläýjek ýaramaz täsiriniň öňüni almak maksady bilen geçirilýän, meýilleşdirilýän hojalyk we beýleki işiň daşky gurşawa we ilatyň saglygyna edip biläýjek täsirine hem-de bu işleriň ölçeg möçberleriniň daşky gurşawyň hil kadalaryna we ekologiýa talaplara laýyklygyna deslapdan baha berme;

Daşky gurşawy goramak we ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek babatda bildirilýän döwlet talaplaryna şular degişlidir: hojalyk we beýleki işi amala aşyrýan ýuridik hem fiziki şahslaryň işine bildirilýän umumy döwlet talaplary; jaýlar, desgalar we beýleki obýektler taslamalaşdyrylanda, ýerleşdirilende, gurlanda, durky täzelenende, ulanyşa girizilende, ulanylanda we ýykylanda bildirilýän döwlet talaplary; senagat, energetika, ulag hem aragatnaşyk, oba we suw hojalyk desgalary ulanylanda bildirilýän döwlet talaplary; şäherler we beýleki ilatly ýerler gurlanda bildirilýän döwlet talaplary; himiki maddalar ulanylanda bildirilýän döwlet ta-



laplary; tebigaty galmagalyň, wibrasiýanyň, magnit meýdanlarynyň, infragyzyl şöhlelenmäniň we beýleki zyýanly fiziki täsirleriň zyýanly täsirlerinden goralmaga bildirilýän döwlet talaplary; tebigaty zyýanly biologik täsirden goramaga bildirilýän döwlet talaplary; galyndylar bilen işlenilende bildirilýän döwlet talaplary; Hazar deňziniň türkmen böleginde hojalyk we beýleki işler amala aşyrylanda bildirilýän döwlet talaplary.

Hojalyk we beýleki işler ýerine ýetirilende olaryň daşky gurşawa ýetirjek ýaramaz täsiriniň öňüni almak we olary aradan aýyrmak maksady bilen, Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynda ýerine ýetirilmegi hökmany bolan talaplaryň, çäklendirmeleriň we (ýa-da) gadaganlyklaryň bellenilmegi, daşky gurşawy goramak hem ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek babatda döwlet talaplarynyň maksady bolup durýar.

Daşky gurşawy goramak we ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek babatda bildirilýän döwlet talaplary şu ýörelgelere laýyklykda amala aşyrylýar: hojalyk we beýleki işleriň ýerine ýetirilmegi baradaky çözgütler kabul edilmeginden öň, onuň daşky gurşawa we ilatyň saglygyna etjek täsiri barada döwlet ekologiýa seljermesini geçirmegiň hökmanylygy; hojalyk we beýleki işleriň daşky gurşawa ýetirýän täsirini şu döwlet talaplarynda we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda kesgitlenen talaplara laýyklykda ýerine ýetirilmegi; ösen tehnologiýalary ulanmak arkaly hojalyk we beýleki işleriň önümçiliginiň daşky gurşawa ýaramaz täsiriniň azalmagynyň üpjün edilmegi; netijeleri daşky gurşaw üçin öňünden aýdyp bolmajak hojalyk we beýleki işleriň, şeýle hem daşky gurşawa ýaramaz täsir edip biljek taslamalaryň durmuşa geçirilmeginiň gadagan edilmegi; tebigy ekologiýa ulgamlary goramagyň ileri tutulmagy; meýilleşdirilýän ýa-da amala aşyrylýan hojalyk we beýleki işiň ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmäge bolan talaplara laýyklygy we beýlekiler degişlidir.

Daşky gurşawy goramak we ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek babatda bildirilýän döwlet talaplary Hazar deňziniň türkmen böleginde hojalyk hem beýleki işler amala aşyrylanda «Tebigaty goramak hakynda» Türkmenistanyň Kanunynda, zyňyndylaryň stasionar we stasionar däl çeşmelerinden atmosfera howasyna hapalaýjy maddalar zyňylan mahalynda atmosfera howasyny goramak boýunça talaplar «Atmosfera howasyny goramak hakynda» Türkmenistanyň Kanunynda, radiasiýa howpsuzlygynyň üpjün edilmegine bildirilýän umumy talaplar «Radiasiýa howpsuzlygy hakynda» Türkmenistanyň Kanunynda bellenen tertipde amala aşyrylýar. Şu döwlet talaplarynyň kadalarynyň berjaý edilişine Ygtyýarlandyrylan edara Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrligi gözegçilik edýär.

Ýokarda bellenilen döwlet talaplarynda bellenen kadalaryň berjaý edilmezligi Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda bellenilen jogapkärçilige eltýär. Şu döwlet talaplarynyň kadalarynyň berjaý edilmegi bilen bagly ýüze çykan jedeller Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde çözülýär. Döwlet talaplary bilen kadalaşdyrylmadyk gatnaşyklar Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen düzgünleşdirilýär.

***Azat ŞÄHERGELDIÝEW,***
***Türkmenistanyň Baş prokuraturasynyň Harby müdirliginiň 1-nji bölüminiň uly sülçisi, 2-nji derejeli ýurist.***



# ПОРИСТЫЕ КЕРАМИЧЕСКИЕ МАТЕРИАЛЫ НА ОСНОВЕ КВАРЦЕВЫХ ПЕСКОВ ТУРКМЕНИСТАНА

В Туркменистане имеются многочисленные природные богатства. Один из этих богатство являются кварцевые пески. Кварцевые пески широко используются в различных отраслях промышленности:

1) **Стекольная промышленность.** Кварцевый песок является основным материалом при производстве листового стекла, флоат-стекла, различных стеклянных изделий (например, стеклянных банок, бутылок, трубок), оптического стекла, стекловолокна, стеклянных приборов, проводящего стекла, стеклоткани.

2) **Керамика и огнеупорные материалы.** Он используется в качестве основного материала для керамики и глазури, а также является ключевым компонентом в производстве высококремнистого кирпича, обычного силикатного кирпича и карбида кремния для печей.

3) **Металлургия.** Кварцевый песок является важным сырьем или добавкой для производства металлического кремния, ферросилиция и кремний-алюминиевых сплавов. Он также используется в качестве материала для дробеструйной и пескоструйной обработки для удаления ржавчины с металлических поверхностей.

4) **Строительная отрасль.** Кварцевый песок применяется в бетоне, вяжущих материалах, дорожно-строительных материалах, искусственном мраморе, материалах для физических испытаний цемента (стандартный цементный песок) и крышках люков из магниевого сплава.

5) **Химическая промышленность.** Кварцевый песок является сырьем для производства кремниевых соединений и жидкого стекла.

6) **Машиностроение.** Это важнейший материал для формовочного песка и важный компонент шлифовальных материалов, таких как пескоструйная обработка, твердая полировальная бумага, наждачная бумага и шлифовальное полотно.

7) **Электроника и аэрокосмическая промышленность.** Он используется в электронных наполнителях, высокочистом кремнии, волокнах связи, печатных платах и в аэрокосмической промышленности.

8) **Резиновая и пластмассовая промышленность.** Кварцевый песок используется в качестве наполнителя для повышения износостойкости.

9) **Лакокрасочная промышленность.** Помогает повысить коррозионную стойкость покрытий.

10) **Очистка воды.** Он является основным материалом в емкостях для фильтрации воды и может использоваться в качестве фильтрующей среды как для чистой, так и для сточной воды.

Разработка новых материалов и технологий для водоочистки является актуальной задачей, которая стоит перед исследователями. Мембранные методы находят все более широкое применение при получении питьевой воды и очистки сточных вод. Керамические мембранные материалы не так широко используются по сравнению с полимерными, вследствие более высокой стоимости, которая обусловлена значительными энергозатратами на их высокотемпературное спекание. Вместе с тем, они характеризуются рядом преимуществ, к которым

следует отнести повышенную химическую и термическую устойчивость, высокую механическую прочность. Очевидно, что поиск новых материалов для получения керамических мембран, которые не требуют высоких температур для их спекания весьма актуален.

В работах [1-3] продемонстрирована возможность получения микрофильтрационных керамических мембран на основе кварцевых песков различных месторождений, представляющих собой крупнопористую механически прочную подложку трубчатой формы с нанесенными на ее поверхность мембранными слоями (средний размер пор 3-5 мкм).

**Экспериментальная часть.**

В качестве исходного материала для получения образцов пористой керамики использовали природные кварцевые пески Аннауского (песок А) и Бахарденского (песок Б) месторождений Туркменистана. При подготовке формовочных смесей использовали алюмосиликатную связку на основе алюмосиликата натрия (АСС), пластификатор (легкоплавкое глинистое сырье), органическую выгорающую добавку (пшеничная мука) - порообразователь и неионогенный ПАВ (ОС-20).

Образцы для исследований получали в виде таблеток и осесимметричных трубчатых элементов. Таблетки диаметром 18 мм, высотой 12 мм получали прессованием при односторонней осевой нагрузке в стальной пресс-форме (децимальный пресс ДП-36 «Карлцейсс», Германия). Образцы трубчатой формы (диаметром 65 мм, толщина стенки 6 мм) готовили методом изостатического прессования на установке радиального прессования УРП 02.00. Давление прессования в обоих случаях составляло 40 МПа. Сформованные образцы прокаливали в электрической печи сопротивления СНОЛ 7,2/1300 и WK-500 в воздушной среде при температуре 850°С в течение 3 ч, скорость нагрева - 5°/мин.

Оценку прочности керамических материалов на сжатие осуществляли по величине давления, разрушающего целостность образца-таблетки в процессе испытания (децимальный пресс ДП-36 «Карлцейсс», Германия).

**Результаты и их обсуждение.**

При получении пористых материалов из готовых элементов структуры определяющую роль в формировании пористой структуры и размере пор играет гранулометрический состав каркасообразующих частиц и способ их упаковки. Кварцевый песок Аннауского месторождения преимущественно представлен фракциями 80-200 и 200-400 мкм (58 и 24 масс. %, соответственно) (рис. 1). В тоже время образец Бахарденского месторождения является более крупнодисперсным и содержит 55 масс. % фракции 200-400 мкм и только 27 масс. % частиц размером 80-200 мкм.

При получении пористых матриц для формирования микрофильтрационных мембранных слоев, наиболее целесообразно использовать кварцевые пески с преобладающим размером частиц 200-600 мкм, что позволяет обеспечивать необходимый размер пор в диапазоне 50-100 мкм и высокую ее проницаемость [2].

Одним из существенных параметров эффективности пористой керамики фильтрационного назначения является ее механическая прочность, которая обеспечивает целостность фильтрующего элемента в ходе его эксплуатации






Рис. 1 — Гранулометрический состав туркменских песков в баромембранных процессах, при этом давление фильтруемой жидкости при микрофильтрации находится в диапазоне 0,2-0,6 МПа.

Песок Анауского месторождения характеризуются высоким содержанием кварца (95 масс. %) с наличием примесей природных алюмосиликатов - мусковита и нонтронита. Бахарденский песок содержит около 88 масс.% кварца, 8 масс.% микроклина и незначительные примеси нонтронита и монтмориллонита. Вместе с тем важно отметить, что песок Анауского месторождения содержит крупные окатыши (до 25 мм) с повышенным содержанием гипса и талька, которые необходимо дополнительно измельчить. Учитывая результаты гранулометрического и рентгенофазового анализа, дальнейшие исследования проводились с песком Бахарденского месторождения.

С целью оптимизации компонентного состава керамической шихты получены три серии образцов, характеризующихся различным содержанием алюмосиликата натрия и муки (табл. 1).

**Таблица 1. - Составы керамической шихты для получения образцов-таблеток.**

| № | Содержание компонентов шихты, г | | | | | Свойства образцов | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | песок | АСС | ПАВ | п/п 1 | мука | Открытая пористость, % | Прочность на сжатие, МПа |
| 1 | 34,5 | 6,5 | 0,35 | 3,0 | 6,0 | 29,1 | 26,9 |
| 2 | 34,5 | 6,0 | 0,35 | 3,0 | 4,0 | 23,0 | 55,6 |
| 3 | 34,5 | 5,3 | 0,35 | 3,0 | 5,9 | 29,3 | 20,8 |

Таким образом, песок Бахарденского месторождения является перспективным материалом для создания на его основе пористых фильтрующих материалов. Образцы серии 2 характеризуются открытой пористостью 23,0% и относительно высокой механической прочностью – 55,6 МПа.



а



б

Рис. 3 - Фотографии керамических образцов-таблеток (а) и трубчатой формы (б) на основе песка Бахарденского месторождения.

**ЛИТЕРАТУРА:**

1. Иванец, А.И. Многослойная пористая силикатная керамика / Иванец А.И., Ратько А.И., Азаров С.М. // Критические технологии. Мембраны. – 2009. Т. 42. - №2. С.9-14.

2. Иванец, А.И. Получение и свойства пористой керамики на основе кварцевых песков Монголии / А.И. Иванец, Т.А. Азарова, С.В. Шемченок, Д. Батсурэн, Ж. Тунсаг, Ж. Оюунцэцэг, В.А. Тарасевич, В.Е. Агабеков // Вестник фонда фундаментальных исследований. -2015. - № 1. - С. 78-85.

3. Иванец А., Агабеков В., Гельдыев О.А. Пористые керамические материалы на основе Туркменского природного диоксида кремния// "Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ylym, tehnika we innowasion tehnologiýalar". Halkara ylmy maslahat. Aşgabat, 2015 ý. 11-13 iýun. I tom, 76-78 sah.

***Сердар ГЕЛЬДЫЕВ,***
***Преподаватель Международного университета Нефти и газа имени Ягшыгельды Какаева.***

***Довран БЕГДУЛЛАЕВ,***
***Директор Проектного института «Сенагаттаслама».***

***Отузбай ГЕЛЬДЫЕВ,***
***Заместитель начальника отдела ПИ «Сенагаттаслама», кандидат технических наук.***

**Geldiýew S., Begdullaýew D., Geldiýew O.**

**Türkmenistanyň kwars çägeleriniň esasynda öýjükli keramiki materiallar**

Türkmenistanyň Änew we Baherden ýataklarynyň kwars çägeleriniň barlaglarynyň netijeleri getirilýär. Süzmeklige niýetlenen öýjükli keramikany almaklyk üçin faza we granulometriýa düzümi boýunça Baherden ýatagynyň çägesiniň nusgasynyň has ýaramlydygy görkezilen. Turba şekili açyk öýjükligi 23% we mehaniki berkligi 0,9-1,1 deň bolan keramiki nusgalar alyndy, olar mikrofilotrasiýa membranalarynyň esaslary hökmünde ulanylyp bilner.

# GELJEGI ULY BOLAN MINERAL



Gahryman Arkadagymyzyň parasatly we öňdengörüjilikli başlangyçlarynyň Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň Baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilmegi netijesinde, ýurdumyzda ylmyň, bilimiň, innowasiýalaryň we önümçiligiň bitewiligini emele getirmek, ylmyň, bilimiň, senagatyň häzirki zaman täze ugurlaryny özünde jemleýän ylmy önümçilik toplumlaryny döretmek, ösdürmek, ýaşlara täze bilimleri bermek we olary ylma doly çekmek üçin ähli şertler döredilýär.

Tebigatyň täze düýpli kanunlarynyň açylmagy we bilimiň hem-de ylmyň ýokary depginler bilen täzelenmegi, tehnologiýalaryň çalt üýtgemegi, ösmegi, halkyň ykdysady durmuş-ýagdaýynyň ýokary derejelere galmagy häzirki zaman dünýäsiniň esasy aýratynlyklaryny emele getirýär.

Häzirki wagtda syýasatda, ykdysadyýetde we medeniýetde, senagatda, şol sanda himiýa senagatynda uly öňe gidişlikler gazanylýar. Bu bolsa öz gezeginde tebigy, şol sanda mineral baýlyklarymyzy täze tehnologiýalar esasynda özleşdirmäge, ykdysadyýetimizi mundan hem ýokary belentliklere ýetirmäge şert döredýär.

Magdanlary ekologiýa taýdan zyýansyz, toplumlaýyn gaýtadan işlemek esasy meseleleriň biri bolup durýar.

Bu babatda Magdanly-Köýtendag sebitiniň-de ägirt uly gorlara eýe bolan kaliý duzlarynyň, selestiniň, nahar duzynyň, gipsiň, dolomitiň, hek daşlarynyň we beýleki gazylyp alynýan baýlyklarynyň bolmagy, geljekde olary senagat taýdan özleşdirmäge mümkinçilik berýär.

Bu ýerde seýrek duş gelýän we reňkli elementler bolan gurşun, mis, sink, litiý, germaniý, indiý, tantal ýaly elementleriň hem känleri bar. Mermer, oniks ýaly gymmatly gurluşyk we bezeg daşlarynyň ýataklary ýerleşýär. Bu baýlyklarynyň arasynda iň ähmiýetlileriniň biri-de selestin magdanlarydyr. Selestin-bu seýrek duş gelýän stronsiý elementiniň tebigy sulfatydyr. Häzirki wagtda düzüminde stronsiý saklaýan 30-a golaý mineral bellidir. Şeýle-de, ol izomorf garyndy görnüşinde birnäçe mineralyň düzüminde (baritoselestin, kalsitostronsianid, apatit, poparit, we başgalar) saklanýar [1]. Olardan diňe 2 mineral, önümçilik ähmiýetine eýedir. Olar selestin we stronsianid minerallarydyr. Dünýä boýunça olaryň hasabyna stronsiniň gorlarynyň 97% köpüsi gabat gelýär. Esasanam karbonat görnüşli jynslar, ýagny hek daşlary we dolomitler stronsiý elementine baý minerallardyr. Dünýä möçberinde seýrek duş gelýän bu gymmatly mineralyň ýataklary häzirki wagtda diňe Ispanýada we biziň ýurdumyzyň Köýtendag sebitinde uly gorlara eýedir. Hususan-da Magdanly şäheriniň demirgazyk-günbatar tarapynda onlarça kilometr aralykda ýerleşýän Arik we Sakyrtma, Akdaş selestin magdanlarynyň gorlary millionlarça tonna barabardyr.

Bu magdan himiki düzümi boýunça senagat taýdan işlemek üçin örän amatly, çünki onuň düzümi ortaça 17÷20 % selestin mineralyndan we 80÷83 % dolomitden durýar. Şol sebäpli, düzüminde selestini hem-de magniniň we kalsiniň karbonatlaryny özünde saklaýan magdany toplumlaýyn gaýtadan işlemek arkaly senagat pudaklarynda uly islege eýe bolan harytlyk himiýa önümlerini almak ylmy, ykdysady we ekologiýa taýdan örän derwaýys meseleleriň biridir [2].

**Monomineral selestiniň himiki düzümi, massa. %**

| Görkeziji | Düzüm bölegi | | | | | | Aşa gyzdyrylandaky ýitgiler, % |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | **SO3** | **CaO** | **MgO** | **SrO** | **SiO2** | **Al2O3** | |
| Mukdary | 43,00 | 0,17 | 0,42 | 55,68 | 0,20 | tapylmady | 0,82 |

Bu meseläniň ykdysady we tehnologiýa taýdan netijeli çözgüdiniň tapylmagy, ýerli minerallardan halk hojalygynyň zerurlyklaryny kanagatlandyrýan, arzan bahaly himiýa önümleriniň ýurdumyzda öndürilmegine mümkinçilik döredýär.

Stronsiý birleşmeleri bolsa metallurgiýa we senagatyň beýleki häzirki zaman pudaklarynda ulanylýar. Magdanyň düzümindäki dolomit hem halk hojalygynda dürli maksatlarda ulanylýar. Şeýle bolansoň selestin magdanyny doly, ýagny, toplumlaýyn gaýtadan işlemek arkaly diňe stronsiý däl, eýsem, magniý, kalsiý önümlerini almak hem örän möhümdir.

Adatça, ilki magdany mehaniki usullar arkaly baýlaşdyryp, selestiniň konsentratyny alýarlar we ony soňra himiki usullar arkaly işläp, dürli stronsiý birleşmelerini, has hem stronsiý karbonatyny öndürýärler. 1980-1990-njy ýyllarda, şol döwürdäki Gowurdakda, häzirki Magdanly şäherçesinde selestinli magdany grawitasiýa usulynyň kömegi bilen baýlaşdyryjy önümçilik döredilipdi. Bu usul magdanyň düzümindäki selestiniň we dolomitiň udel agramlarynyň arasyndaky (ρselestin= 3,92 g/cm3; ρdolomit= 2,62 g/cm3) tapawuda esaslanýardy. Emma, bu tehnologiýa ykdysady taýdan şowsuz bolup çykdy, ýagny, ol girdejili däl-de, çykdaýjyly boldy. Munuň sebäbi, önümiň özüne düşýän gymmaty selestin konsentratynyň harytlyk satuw bahasyndan 3 esse ýokary boldy. Bu usul boýunça selestiniň köp ýitgisine ýol berilýärdi, artykmaç energiýa sarp edilýärdi. Önümçilige degişli tehniki desgalar, zähmet serişdeleri uly ölçegli önümçilik meýdany talap edilýärdi we netijede, magdanyň esasy düzüm bölegini tutýan dolomit ulanylman,

gapdal önüm görnüşinde daşky gurşawa zyňylýardy. Şol sebäpli hem, bu önümçilik uzak wagt işledilmän, ýapyldy. Şeýlelikde, häzirki wagta çenli selestinli magdany gaýtadan işlemegiň has girdejili we netijeli usuluny işläp düzmek öz derwaýyslygyny dowam etdirýär [3].

Adamzat we halk hojalygy üçin iň wajyp tebigy baýlyklaryň biri-de suwdur. Şonuň üçin ähli suw serişdelerini goramak we rejeli peýdalanmak biziň ýurdumyz üçin iň derwaýys meseleleriň biridir. Ýerasty minerallaşan suwlar, zawod-fabriklerden goýberilýän akyndy suwlar hem öz gezeginde seýrek duş gelýän elementleri, şol sanda stronsiý elementini özünde saklaýarlar. Şeýle suwlary gaýtadan işlemek hem seýrek elementleri almak we zyýanly galyndylardan tebigatymyzy goramaga mümkinçilik berýär [4].

Halk hojalyk pudaklarynyň şeýle ýokary depginler bilen ösmegi daşky tebigy gurşawy tehnogen hapalanmakdan goramak meselelerini üstünlikli çözmek talap edýär. Senagatda ekologiki meseleleri çözmekde iň öňde baryjy, ekologiýa taýdan iň amatly tehnologiýalaryň we tehniki serişdeleriň ulanylmagy möhümdir. Bu babatda hormatly Prezidentimiziň hemişe nygtaýşy ýaly, ýurtda täze tehnologiýalar diňe alymlaryň ekspert çözgüdinden soň durmuşa ornaşdyrylmalydyr.

Täze döredilýän önümçiliklere we täze tehnologiýalara şeýle ýokary talabyň bildirilmegi bolsa öz gezeginde dürli ugurdan döwrebap hünärmenleriň taýýarlanylmagyny talap edýär. Şeýle bolansoň hormatly Prezidentimiziň tagallalary netijesinde ýokary, orta mekdeplerinde ylmy-barlag edaralarynda häzirki zaman enjamlary bilen abzallaşdyrylan ylym-bilim merkezleri hereket edýärler.

Şeýlelik bilen, hormatly Prezidentimiziň beýleki ugurlar bilen bir hatarda dünýä belli Köýtendag sebitiniň mineral baýlyklaryny senagat taýdan hemmetaraplaýyn özleşdirmek boýunça alnyp barýan tutumly işleri täze Galkynyş we beýik özgertmeler eýýamynyň döwlet ähmiýetli batly gadamlaryň biridir. Şu ýokary ösüşleriň başynda duran hormatly Prezidentimiziň jany sag, beýik işleri hemişe rowaç bolsun!



**EDEBIÝAT:**

1. Hanberdiýewa B., Ýowjanow H. Selestin magdanlaryny himiki baýlaşdyrmak. Halkara türkmen-türk uniwersitetiniň “Beýik Galkynyş eýýamynyň batly gadamlary” makalalar ýygyndysy, (2011-1). Aşgabat: Ylym, 2011.

2. Байков А.А., Смирнов В.В. Целестин в палеоценовых отложениях Юго - Восточной Туркмении. Известия АН ТССР, Сер. физ-техн. хим. и геол. наук. 1976, № 2.

3. Евжанов Х. Переработка строниций содержащих промышленных вод и минералов. Ашхабад, Ылым, 1994.

4. Ханбердыева Б., Евжанов Х. Получение соединений магния и кальция из их нитратного раствора. Журнал “Молодой ученый”. Том 1., № 4(27), Чита, 2011.

*Bahargül HANBERDIÝEWA,*
*Türkmenistanyň Serhet institutynyň uly mugallymy, tehniki ylymlarynyň kandidaty.*

# МОРСКОЕ СУДНО:
## ОСНОВНЫЕ ЭЛЕМЕНТЫ, ПРИНЦИПЫ И СОВРЕМЕННЫЕ ТЕНДЕНЦИИ

Судно – это не только средство передвижения, но и важнейший инструмент промышленного развития, без которого невозможно эффективное функционирование мировой экономики энергетики, добычи ресурсов и международной торговли.

Судно играет ключевую роль в промышленности, обеспечивая транспортировку, добычу ресурсов, обслуживание инфраструктуры и выполнение специализированных задач. Морской транспорт остаётся самым экономичным для массовых и дальних перевозок.

Речь идет о Морской архитектуре или морской инженерии применительно к процессу проектирования, строительства, техническому обслуживанию и эксплуатации морских судов и конструкций. Анализируя особенности этих двух направлений архитектуры, можно выделить ряд общих черт, характерных как для проектирования гражданских и промышленных объектов, так и для проектирования и строительства морских судов различного назначения.

**Архитектура судна** является одной из ключевых дисциплин кораблестроения, пространственную организацию и функциональные возможности судна. Она объединяет инженерные, конструктивные и эксплуатационные аспекты проектирования, обеспечивая соответствия судна его назначению и условиям эксплуатации.

**Теоретической основой архитектуры** судна является теория корабля,

которая рассматривает вопросы плавучести, непотопляемости и мореходности.

Архитектурные решения принимаются с учетом требований классификационных обществ и международных норм безопасности.

Таким образом, архитектура судна представляет собой систему взаимосвязанных проектных решений, направленных на обеспечение эффективности и надежности судна в процессе эксплуатации.

**Корпус** судна является основным несущим элементом конструкции, прочность и защиту внутренних помещений от воздействия внешней среды. Архитектура корпуса определяется формой обводов, соотношением главных размерений и конструктивным типом судна. Форма корпуса оказывает значительное влияние на сопротивление движению, остойчивость и поведение судна на волнении. При проектировании корпуса учитываются требования по прочности, рациональному распределению объемов и обеспечении запаса плавучести.

**Надстройки** формируют надводную часть судна и определяют его внешний облик. В них размещаются жилые и навигационные помещения. Архитектура надстроек должна обеспечивать хорошую обзорность с ходового мостика, удобство эксплуатации и минимальное влияние на остойчивость судна.

Архитектурные решения оказывают существенное влияние на мореходные качества судна. Форма корпуса и распределение объемов определяют остойчивость и непотопляемость, а расположение надстроек влияет на ветровую нагрузку и устойчивость на волнении.

Плавучесть и экономичность судна во многом зависят от архитектуры корпуса, так как сопротивление воды является одной из основных составляющих энергетических затрат. Оптимизация архитектурных параметров позволяет снизить расход топлива и эксплуатационные издержки.

Проектирование современных судов является большой и сложной задачей, поскольку существует огромное количество оперативных, тактических, технических, экономических и других требований, которые учитываются при разработке заданий на проектирование судна, а также потому что современные суда представляют собой совокупность сложнейших механизмов и точнейших приборов, построенных на основе самых последних достижений науки и техники.

В настоящее время современное судостроение характеризуется активным внедрением цифровых технологий проектирования. Использование трехмерного моделирования и цифровых двойников позволяет оптимизировать архитектуру судна еще на стадии проектирования, который соответственно был построен впервые в Туркменистане отечественный сухогрузное судно «Gadamly». 4 ноября 2025 года была проведена церемония спуска на воду сухогрузного судна под названием «Gadamly».

Строительство «Gadamly» открыло новую страницу в истории туркменского судостроения, в планах судостроительного завода «Балкан» на ближайшее время предусматривается строительство второго однотипного сухогруза.

Еще, в январе 2025 года был заложен киль первого в Туркменистане грузового судна «Gadamly» дедвейтом 6100 тонн и предназначенного для грузоперевозок в акватории Каспия.

Технология сборки корпуса судна включает подетальный, секционный и блочные методы, основанные на сборке из крупных блоков или секций, которые были изготовлены в цехах, а затем собран на стапеле с применением пирамидального (снизу-вверх и от центра к бортам) способа для формирования корпуса, использован высокоточная координация и сварка для обеспечения прочности и водонепроницаемости. Использована низкоуглеродистая конструкционная сталь, оптимизированная для сварки. Соединение секций между собой часто автоматической сваркой под флюсом (SAW) для толстых металлов.

**Современной тенденцией** является применение высокоточных методов контроля и цифровых технологий для сокращения времени и повышения качества.

Судно демонстрирует высокий уровень автоматизации, переходя от полностью ручного управления к системам, способным самостоятельно принимать решения, с выделением 4 уровней автономности: от поддержки решений экипажа до полного автопилота. Автоматизация охватывает управление двигателями, электропитанием, навигацией (СУП), и мониторинг грузов, минимизируя человеческий фактор и повышая безопасность.

В дальнейшем предусматривается инновационный метод защиты от коррозии судовых корпусных конструкций, вспомогательных механизмов и судовых устройств.

Традиционные методы антикоррозионной защиты, имеют ряд ограничений при длительной эксплуатации в агрессивных средах. В связи с этим особый интерес представляют гибридные системы антикоррозионной защиты, сочетающие несколько механизмов предотвращения коррозии.

Применение гибридных технологий позволяет значительно увеличить срок службы металлических конструкций, снизить эксплуатационные затраты и повысить надежность оборудования. Дальнейшее развитие данной области связано с использованием нанотехнологий, экологически безопасных материалов и интеллектуальных защитных систем.

В заключении хочу сказать, что архитектура судна играет ключевую роль в обеспечении эффективности, безопасности и надежности эксплуатации. Рациональные архитектурные решения способствуют улучшению мореходных качеств, снижению эксплуатационных затрат и повышению конкурентоспособности судов.

***Гызылгуль КУРБАНОВА,***
***старший преподаватель кафедры «Эксплуатация водного транспорта», Института инженерно-технических и транспортных коммуникаций Туркменистана. г. Туркменбаши.***

**ЛИТЕРАТУРА:**

1. Морской инженер. Москва. Журнал № 10, 2020 г.
2. Донцов, 2001, Теория и устройство судна. С-Петербург, 2022 г.
3. American Society of Naval Engineers. 2008 г.
4. Беляев В.С. Морская архитектура (инженерия). С-Петербург. 1999 г.
5. Фонтана М. Коррозионная инженерия. — Москва: Металлургия, 2019 г.
6. Шрайер Л. Коррозия металлов и методы защиты. — Санкт-Петербург: Химия, 2020 г.



# ENERGONETIJELI WE PES UGLERODLY SEMENT

Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen hem-de Arkadagly Serdarymyzyň üstünlikli dowam etdirmegi bilen ýurdumyzda alnyp barylýan gurluşyk işleriniň möçberiniň we depgininiň artmagy bilen, gurluşyk materiallaryna bolan talaplar hem ýokarlanýar. Hut şonuň üçin Türkmenistanyň Prezidentiniň Permany bilen tassyklanan «Türkmenistanda ylym ulgamyny ösdürmegiň 2024 — 2052-nji ýyllar üçin Strategiýasynda» gurluşyk materiallarynyň hilini gowylandyrmaklyga gönükdirilen çärelere aýratyn ähmiýet berilýär [1]. Gurluşyk materiallarynyň esasylarynyň biri hem sement önümçiligi bolup, ol köp harajatlary talap edýän we daşky gurşawa zyýanly gazlary bölüp çykarýan önümçilikdir [2]. Ýagny, sement önümçiliginde daşky gurşawa oňaýsyz täsir edýän zyňyndylar emele gelýär. Olaryň emele geliş çeşmeleri, mehanizmi we mukdary daşky gurşawyň himiýasy esasynda kesgitlenip, esasy bölegi tozanlardan, kalsiý karbonatynyň dargamagynda we tebigy gaz ýakylanda emele gelýän kömürturşy gazyndan ybaratdyr. Galyberse-de, tebigy gaz ýakylanda ugar gazynyň we azot oksidleriniň hem-de ulanylýan çig mallaryň düzüminde bar bolan kükürt birleşmelerinden, onuň dioksidiniň emele gelýändigi hem bellidir. Klinker öndürilende howa gurşawyna köp mukdarda kömürturşy

gazynyň bölünip çykmagy meseläniň derwaýyslylygyny has-da artdyrýar. Daşky gurşawa bölünip çykýan kömürturşy gazyny azaltmak boýunça Kiot delilnamasynyň kabul edilendigi we onuň esasynda sement önümçiliginde emele gelýän kömürturşy gazyny 2030-njy ýyla çenli 16 göterime çenli peseltmek barada Pariž ylalaşygynyň gazanylandygyny ýatlasak, onda munuň dünýä derejesinde-de örän wajyp meseleleriň biri bolup durýandygy mälimdir.

Türkmen halkynyň Milli Lideri daşky gurşawy gorap saklamak meselesine ünsi çekip, topragyň, suwuň, howanyň ýagdaýyna ylmy taýdan yzygiderli gözegçiligi ýola goýmak barada nygtaýar [3]. Arkadagly Serdarymyz hem döwlet başyna geçen ilkinji günlerinden başlap, daşky gurşawy gorap saklamak meselesine aýratyn ähmiýet berýär. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Ekologiýa boýunça Türkmenistanyň halkara guramalary bilen hyzmatdaşlygy: gazanylan üstünlikler» atly maslahatda eden çykyşynda ekologiýa meseleleri boýunça täze teklipleri we başlangyçlary beýan etmek bilen, ýurdumyzyň halkara hyzmatdaşlygy hemmetaraplaýyn işjeňleşdirmäge we ösdürmäge taýýardygyny belläp geçdi [4]. Bu bolsa, Türkmenistanyň halkara guramalaryň daşky gurşawy goramak üçin geçirýän işlerine toplumlaýyn meseleleri çözmäge işjeň gatnaşýandygyny subut edýär.

Daşky gurşawy goramak we ekologiki howpsuzlygy üpjün etmek bilen bagly bolan meseleler döwlet Baştutanymyzyň üns merkezinde durýar. Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen tassyklanan «Howanyň üýtgemegi barada Türkmenistanyň Milli strategiýasynda» daşky gurşawy goramagyň we ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmegiň ýurdumyzyň durnukly ösüşiniň wajyp düzüm bölegi bolup durýandygy bellenilýär.

Ýaşyl himiýa daşky gurşawyň himiýasyndan tapawutlanýar. Ýagny, daşky gurşawyň himiýasy ekologiki meseleleriň emele geliş çeşmelerini we zyňyndylaryň mukdaryny kesgitleýän bolsa, ýaşyl himiýa alternatiw we howpsuz tehnologiýalary işläp düzmek bilen, şol ekologiki meseleleri çözýär. Şeýlelikde, esasy önümleriň mukdaryny maksimal we goşmaça önümleriň emele gelişini minimal derejä ýetirmäge mümkinçilik berýän täzeçe çemeleşmeleri ýüze çykarmak bilen, önümçilik meselelerine oňyn çözgüt etmekde ýaşyl himiýa esasy orun degişlidir.

Köp mukdardaky sementiň öndürilmegi, elbetde, millionlarça tonna ýangyjyň sarp edilmegi bilen baglydyr. Ol bolsa, daşky gurşawa örän köp ýylylyk we zyňyndy gazlaryň bölünip çykmagyny şertlendirýär. Şol bölünip çykýan zyňyndy gazlaryň agramly bölegi kömürturşy gazy bolup, ol howanyň üýtgemegine özüniň oňaýsyz täsirini ýetirýär [3]. Sarp edilýän ýangyjyň we bölünip çykýan zyňyndy gazlaryň klinker önümçiligine degişli bolup durýandygyndan ugur alynsa [6], onda mineral goşundylary goşup sementiň düzümindäki klinkeriň mukdaryny azaltmak bilen, sement önümçiligindäki energiýa tygşytlylygyny we ekologiýa amatlylygy gazanmak bolar. Onda, bu ugurdaky esasy mesele mineral goşundylary goşup, emele gelýän parnik gazlaryny, esasanda kömürturşy gazyny hem-de sarp edilýän maddy we energiýa serişdeleri azaltmak bolup, onuň üçin ýerli çig mal bolan opoka magdany ulanyldy. Ýagny, portlandsement klinkerine mineral goşundyny, gips hem-de hek daşyny goşup, ol standarta laýyk ölçegde üwelýär we portlandsement alynýar. Şeýlelikde, mineral goşundylary goşup portlandsement öndürmegiň tapawutly tarapy, ýerli çig mallary goşundy hökmünde ulanmak bilen ekologiýa taýdan oňaýly bolan önümçiligi ýola goýup boljakdygy, alynýan sementiň hiliniň ýokarydygy hem-de sarp edilýän harajatlaryň azalmagy netijesinde ykdysady taýdan amatly şertleri döredilýändigi bolup durýar. Elbetde, ýerli şertlerde 20 göterim mineral goşundylary goşup portlandsement almaklygyň mümkinçiliklerini öwrenmek boýunça ylmy barlaglar geçirilip, oňyn netijeler alnandygy bellidir [6]. Şonuň üçin hem, ylmy barlaglary semente goşulýan mineral goşundylaryň mukdaryny 20 göterimden artdyrmak boýunça dowam etdirildi. Mineral goşundy hökmünde ýerli çig mal opoka magdanyny ulanyp, dürli mukdar gatnaşyklarda portlandsement alyndy we himiki düzümi, häsiýetlendiriji görkezijileri hem-de daşky gurşawa bölünip çykýan kömürturşy gazynyň azalyşy kesgitlenildi. Alnan maglmatlar 1-nji tablisada öz beýanyny tapýar.

*1-nji tablisada öz beýanyny tapýar.*

**Mineral goşundylary goşup alnan portlandsementiň himiki düzümi we beýleki görkezijileri**

| Mineral goşundyly portlandsement | Emele gelýän sementiň himiki düzümi, % | | | | | | Gysylandaky berkligi, MPa | | | $CO_2$-niň azalyşy, kg |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | SiO2 | Al2O3 | Fe2O3 | CaO | MgO | SO3 | 3 gije-gündiz | 7 gije-gündiz | 28gije-gündiz | |
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 |
| Klinker-70%, opoka-25%, gips daşy-5%. | 31,3 | 5,42 | 3,16 | 49,11 | 2,72 | 2,58 | 25,7 | 29,7 | 46,2 | 180,83 |
| Klinker-65%, opoka-30%, gips daşy-5%. | 32,4 | 5,33 | 3,18 | 50,19 | 2,83 | 2,61 | 22,6 | 27,3 | 38,2 | 216,99 |
| Klinker-60%, opoka-35%, gips daşy-5%. | 33,6 | 5,19 | 3,15 | 51,63 | 2,77 | 2,56 | 21,3 | 26,7 | 35,8 | 253,16 |
| Klinker-65%, opoka-25%, hek daşy-5%, gips daşy-5%. | 30,56 | 5,51 | 3,46 | 52,65 | 3,49 | 2,82 | 29,4 | 34,1 | 46,5 | 216,99 |
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 |
| Klinker-60%, opoka-30%, hek daşy-5%, gips daşy-5%. | 32,46 | 5,29 | 3,29 | 56,60 | 3,41 | 2,58 | 22,6 | 29,2 | 45,2 | 253,16 |
| Klinker-55%, opoka-30%, hek daşy-10%, gips daşy-5%. | 31,36 | 5,46 | 3,31 | 54,18 | 3,36 | 2,43 | 20,3 | 25,1 | 37,8 | 289,33 |

Tablisadan görnüşi ýaly, portlandsementiň düzümi 60%-klinker, 30%-opoka, 5%-hek daşy we 5% gips daşy bolanda maksimal mukdardaky mineral goşundyly, sarp edilýän maddy we energiýa serişdeleriň hem-de bölünip çykýan $CO_2$ we beýleki parnik gazlaryň mukdary azalýan, kadaly berklikdäki sementi almagyň amatly şertini kesgitleýär. Galyberse-de, mineral goşundyly sementiň hil görkezijisi bolan berkliginiň wagtyň dowamlylygynda ýokarlanýandygy ylmy çeşmelerden bellidir. Onuň şeýledigini subut etmek üçin, mineral goşundyly we goşundysyz sementden taýýarlanan beton nusgalyklary agressiw gurşaw bolan natriý sulfatynyň 5 göterimli ergininde 6 aýlap saklanyldy we berkligi kesgitlenildi. Bu ugurdaky tejribe işleriniň netijesinde alnan maglumatlar 2-nji tablisada getirilýär.

**2-nji tablisa**
**Goşundysyz we goşundyly sementleriň berkligi**

| Nusgalar | Dispersligi | | Berkligi, Mpa | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | 45μ | 90μ | Adaty şertde | | | Na2SO4-iň 5,0%-li ergininde alty aýdan soň |
| | | | 3 gün | 7 gün | 28 gün | |
| Klinker – 95%<br>Gips – 5% | 20,3 | 5,0 | 32,4 | 39,7 | 49,8 | 52,7 |
| Klinker – 85%<br>Opoka – 10%<br>Gips – 5% | 12,3 | 4,7 | 31,0 | 35,5 | 46,7 | 52,1 |

Geçirilen tejribelerden görnüşi ýaly (2-nji tablisa) opoka goşulyp taýýarlanan mineral goşundyly sement duzly erginde alty aý saklananda hem berkligini adaty şertdäkiden alty birlik ýokarlandyrýar. Galyberse-de, goşundysyz sement bilen deňeşdirilende goşundyly sementiň berkliginiň artmagy, sementiň hiliniň ýokarlanýandygyny subut edýär.

20 göterimli mineral goşundyly sementi öndürmegiň mümkinçiliklerine baha berlende alnan maglumatlaryň esasyndaky tehnologiki karta [7], 35 göterim goşundyly sement üçin gaýtadan işlenip düzüldi we ol 1-nji suratda öz beýanyny tapýar. Şeýlelikde, 1-nji suratda goşundysyz we mineral goşundyly sement öndürmegiň tehnologiki sikli getirilip, onda 1 tonna sement öndürilende sarp edilýän maddy we energiýa serişdeleriň hem-de daşky gurşawa bölünip çykýan kömürturşy gazynyň adaty portlandsement bilen deňeşdirilende näderejede azalýandygyny görmek bolýar.

**NETIJELER:**

1. Portlandsementiň düzümi 60%-klinker, 30%-opoka, 5%-hek daşy we 5%-gips daşy bolan, maksimal mukdardaky mineral goşundyly, sarp edilýän maddy we energiýa serişdeleriň hem-de daşky gurşawa bölünip çykýan parnik gazlaryň mukdaryny azaldýan, kadaly berklikdäki sementi almagyň amatly şertleri işlenip düzüldi.
2. Goşundyly we goşundysyz sementden taýýarlanan beton nusgalyklary agressiw gurşaw bolan natriý sulfatynyň 5 göterimli ergininde 6 aýlap saklanylyp, onuň berkligi kesgitlenildi we mineral goşundylaryň sementiň hil görkezijilerine oňyn täsir edýändigi ýüze çykaryldy.
3. 35 göterime çenli mineral goşundylary goşup energonetijeli we pes uglerodly sement öndürmegiň mümkinçilikleri öwrenilende alnan maglumatlaryň esasynda, goşundyly we goşundysyz sementi öndürmegiň tehnologiki kartasy gaýtadan işlenip düzüldi.






**1-nji surat. Sement önümçiliginiň tehnologiki kartasy**

**EDEBIÝAT:**

1. Türkmenistanyň ylym ulgamyny ösdürmegiň 2024 — 2052-nji ýyllar üçin strategiýasy, Aşgabat, 2024. 65 s.

2. Чомаева М.Н., Байрамкулова Б.О. Геоэкологические аспекты функционирования цементного производства // Известия Дагестанского государственного педагогического университета. Естественные и точные науки. Т.10, №3. С.124-128.

3. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ministrler Kabinetiniň göçme mejlisinde sözlän sözi. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2009. – 62 s.

4. Türkmen halkynyň Milli Lideri Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň üçünji Antalýa diplomatiýa forumyndaky çykyşy // Antalýa şäheri, 2024-nji ýylyň 1-nji marty // Türkmenistan gazeti 2023-nji ýylyň 23-nji marty.

5. «Howanyň üýtgemegi barada Türkmenistanyň Milli strategiýasy hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2019-njy ýylyň 23-nji sentýabryndaky çykaran 1415-nji Karary. Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy. – 2019. - № 9. – S. 86-131.

6. Nurberdiýew R. Sement önümçiliginiň netijeliligini ýokarlandyrmagyň esasy ugurlary // TYA-nyň Himiýa institutynyň ylmy işleriniň ýygyndysy. XI goýb. – A.: Ylym, 2023. – S. 22-43.

7. Gadamow D.G., Sopyýew H., Nurberdiýew R., Aýdogdyýew A., Saparowa A. Sement önümçiligi we onuň netijeliligini ýokarlandyrmak // Türkmenistanyň senagaty, 2020. -№1. s. 8-11.

**Rejepnur NURBERDIÝEW,**
**Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Himiýa institutynyň Senagat himiýasy barlaghanasynyň müdiri, tehniki ylymlaryň doktory.**

# MAZMUNY СОДЕРЖАНИЕ CONTENTS


1 Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Serdar Berdimuhamedowa

2 T. ANNAMUHAMMEDOW – Ýylyň şygary — döwrüň çyragy

5 B. MEŇLIÝEW – Türkmen bedewiniň milli baýramy dabaralara beslener

7 B. BÄŞIMOW – Hususy pudagyň täze sepgitleri

9 Ş. HOJAGELDIÝEW – Geljekki binagärleriň döwrebap bilim desgalary gurulýar

12 T. AKMÄMMEDOW – Milli ösüşleriň halkara ykrarnamasy

14 A. MÜRZÄÝEW – Watansöýüjiligiň beýik nusgasy

16 «TÜRKMENISTANYŇ SENAGATY» – Diýarymyz bagy- bossanlyga öwrülýär

18 G. ORAZBERDIÝEW – Guwandyryjy netijeler — täze üstünliklere

20 S. ESENMYRADOWA – Ene toprak ýylanda, eneler ýylgyranda

22 A. NAZAROWA – «Älem gülüstandyr bu gün»

24 A. MÖWLAMBERDIÝEW – Kuwwatly tehnikalar — halkyň hyzmatynda

26 J. GURBANOW, Z. ROZYÝEWA – Bagtyýar durmuşyň başlanýan ýeri

28 B. ÇARYÝEW – Döwrüň beýik gudratyna öwrülen Arkadag şäheri — bagtyýar ýaşaýşyň şäheri

31 Üns beriň bäsleşik!

32 A. JUMADOW — Menzilgähim — at-myradyň mekany. Watana

34 M. GURBANOW – Berkarar döwletiň aýdyň ýolunda!
A. ORAZOW – Arkadag şäherniň köşk binalary

35 D. KURBANOW – Täze konsepsiýa — sanly ösüşiň möhüm tapgyry

37 A. SEÝIDOW – Zähmeti goramak — adam hakdaky alada

39 A. ŞÄHERGELDIÝEW – Daşky gurşawy goramak we ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek barada döwlet talaplary

43 С. ГЕЛЬДЫЕВ, Д. БЕГДУЛЛАЕВ, О. ГЕЛЬДЫЕВ – Пористые керамические материалы на основе кварцевых песков Туркменистана

47 B. HANBERDIÝEWA – Geljegi uly bolan mineral

50 Г. КУРБАНОВА – Морское судно: : основные элементы, принципы и современные тенденции

52 R. NURBERDIÝEW – Energonetijeli we pes uglerodly sement






**«TÜRKMENISTANYŇ SENAGATY»**
žurnaly Türkmenistanyň Prezidentiniň 2018-nji ýylyň 6-njy maýyndaky 767-nji Karary esasynda 3 aýda 1 gezek türkmen, rus we iňlis dillerinde neşir edilýär. №1, 2026-njy ýyl.

**Baş redaktor:** T. Nurow.

**Jogapkär kätip:** G. Orazberdiýew.

**Redaksion geňeşiň agzalary:**
R. Esedulaýew, O. Geldiýew,
B. Bäşimow, B. Jumadow,
D. Gadamow, R. Nurberdiýew.
Sany 3 575. Sargyt №1127. Bahasy 25 manat.
Formaty 60x90 1/8, çap listi – 7.
**«Türkmenistanyň senagaty»** žurnalyndan materiallar, suratlar göçürilip çap edilende, žurnala salgylanmak hökmandyr.
Redaksiýanyň salgysy: 744036. Aşgabat şäheri, Arçabil şaýoly, 132-nji jaý.
Tel.: 39-49-36.
senagat_redaksiya@sanly.tm
Žurnal Metbugat merkezinde çap edildi.
Žurnalyň çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. A –118444.

Журнал **«ПРОМЫШЛЕННОСТЬ ТУРКМЕНИСТАНА»** издается в соответствии с Постановлением Президента Туркменистана № 767 от 6 мая 2018 года 1 раз в 3 месяца, на туркменском, русском и английском языках. №1, 2026 год.

**Главный редактор:** Т. Нуров.

**Ответственный секретарь:** Г. Оразбердыев.

**Редакционная коллегия:**
Р. Эседулаев, О. Гельдыев, Б. Бяшимов,
А. Джуматов, Д. Гадамов, Р. Нурбердыев.
Тираж 3 575. Заказ №1127. Цена 25 манат.
Формат 60х90 1/8. 7 печатных листа.
При перепечатке материалов и снимков из журнала, ссылка на **«Промышленность Туркменистана»** обязательна.
Адрес редакции: 744036. г.Ашгабад, проспект Арчабил, 132.
тел.: 39-49-36.
senagat_redaksiya@sanly.tm
Журнал отпечатан в Центре печати.
Ответственность за качество печати журнала несет Центр печати.

**«INDUSTRY OF TURKMENISTAN»** magazine 744036.
Turkmenistan, Ashgabat, Archabil prospect, 132 ntl: +99312 39-49-36.



# GADYRLY OKYJYLAR, EZIZ WATANDAŞLAR!

***Sizi Milli bahar baýramy — Halkara Nowruz güni bilen gutlaýarys!***







